ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
30-njy dekabr, 2022. Belgisi 52/1514

# TÄZE TOPLUM — HALKYMYZ HAKYNDAKY ALADANYŇ AÝDYŇ BEÝANY

***28-nji dekabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda paýtagtymyzyň günbatar künjeginde täze, döwrebap ýaşaýyş jaý toplumynyň, umumybilim berýän mekdebiň, çagalar bagynyň, söwda-dynç alyş merkeziniň we beýleki desgalaryň açylyş dabarasy boldy.***



Täze ýyl baýramçylygynyň öňüsyrasynda ulanylmaga berilýän täze döwrebap binalar toplumynyň açylyş dabarasyna Milli Geňeşiň Mejlisiniň we Halk Maslahatynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri, wise-premýerler, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, Türkmenistanyň daşary döwletlerdäki ilçihanalarynyň we konsullyklarynyň, halkara guramalaryň ýanyndaky wekilhanalarynyň, daşary döwletleriň we halkara guramalaryň ýurdumyzda işleýän wekilhanalarynyň ýolbaşçylary, hormatly ýaşulular, jemgyýetçilik guramalarynyň we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.

Mähriban Watanymyzy we häzirki döwürde üstünlikli durmuşa geçirilýän giň möçberli özgertmeleri wasp edýän aýdym-sazlar ýaňlandy. Sungat ussatlarynyň, döredijilik toparlarynyň ajaýyp çykyşlary täze ýaşaýyş jaý toplumynyň açylyşy mynasybetli joşgunly gutlaga öwrüldi. Bu ýerde guralýan dabaranyň dowamynda Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa gutlag sözi bilen çykyş etdi.

Ol çykyşynda häzirki dabaranyň Täze ýyl baýramçylygynyň öňüsyrasynda geçirilmeginde çuňňur manynyň bardygyny, şeýle hem bu ýaşaýyş jaý toplumynyň açylmagynyň halkymyz üçin goşa toýa öwrülendigini aýratyn nygtady. Munuň özi Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeleriň Arkadagly Serdarymyz tarapyndan üstünlikli dowam etdirilip, halkymyz üçin bähbitli işlere beslenýändigini anyk netijesidir. Bu bolsa ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň, halkymyzyň durmuş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagyna giň ýol açýar diýip, Mejlisiň Başlygy belledi.

Şol pursatda dabaranyň geçirilýän ýerine hormatly Prezidentimiz geldi. Dabara gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzy şatlyk-şowhun bilen garşyladylar. Aýdym-sazlaryň owazy belentden ýaňlandy.

Hormatly Prezidentimiz şowhunly el çarpyşmalaryň astynda täze ýaşaýyş jaý toplumynyň toý bagyny kesdi.

Halkymyzy häzirki döwrüň ýokary hil derejesine laýyk gelýän oňaýly ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmek döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Köp sanly täze ýaşaýyş jaýlarynyň açylmagy ýokary döredijilik we ynsanperwerlik ýörelgelerini dabaralandyrýan häzirki döwrüň möhüm wezipesidir. Bu ýerde bina edilen ähli ýaşaýyş jaýlarynyň, durmuş maksatly desgalaryň, inženerçilik ulgamlarynyň, ýollaryň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalarynyň güýji bilen gurlandygyny aýratyn bellemeli. Munuň özi türkmen telekeçileriniň ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan we halkymyzyň durmuş üpjünçiligini, adamlar hakyndaky aladany esasy ugur edinýän giň möçberli özgertmeleriň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşýandyklaryny görkezýär. Telekeçileriň yhlasly zähmeti netijesinde bina edilen toplumyň ähli desgalarynda milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesi utgaşdyryldy.

Täze toplumyň çäginde aýdym-sazly dabaralar şatlyk-şowhun bilen dowam etdi. Aýratyn-da, türkmen halkynyň döreden we dünýä nusgalyk toý dessurlaryny açyp görkezýän çykyşlar dabara gatnaşyjylarda ýatdan çykmajak täsirleri galdyrdy. Türkmen toýlarynyň özboluşly aýratynlyklaryny janlandyrýan sungat ussatlary belent ruha beslenen çykyşlary bilen şanly waka mynasybetli guralýan dabaranyň şatlyk-şowhunyny belende göterdiler.

Soňra hormatly Prezidentimizi täze jaýa göçüp gelmek bagty miýesser eden maşgala agzalary myhmançylyga çagyrdylar.

### 320 orunlyk umumybilim berýän mekdep

► Döwlet Baştutanymyz toplumyň çäginde bina edilen 320 orunlyk umumybilim berýän mekdebiň binasyna hem bardy. Onda bilim-terbiýe almak, ýaşlaryň belent ruhly, beden taýdan sagdyn bolup ýetişmekleri üçin häzirki döwrüň talabyna laýyk gelýän ähli zerur mümkinçilikler döredildi.

Mekdebiň baş binasynyň öňündäki baýramçylyk äheňinde bezelen meýdançada çagalar tans toparlary şanly waka mynasybetli aýdym-sazly baýramçylyk çykyşlaryny ýaýbaňlandyrdylar. Bu ýerde halkara ülňülere laýyk gelýän ýöriteleşdirilen okuw otaglary okuwçylaryň we mugallymlaryň ygtyýaryna berildi. Hormatly Prezidentimiz ilki binanyň başlangyç synp otagy bilen tanyşdy.

Bu ýerde işleýän mugallym okuw otagynda döredilen mümkinçilikleriň ýokary halkara ölçeglere doly laýyk gelýändigini aýdyp, munuň üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Soňra döwlet Baştutanymyz himiýa hem-de biologiýa dersi boýunça ýöriteleşdirilen otaglarda döredilen mümkinçilikler bilen tanyşdy.

Mugallym okuwlary häzirki zaman usulynda geçirmäge niýetlenen otaglaryň enjamlaşdyrylyşy, onuň barlaghanalarynyň mümkinçilikleri barada gürrüň berip, bu ýerde ýaşlara sapak bermekde häzirki zamanyň ösen tejribesini we ylmyň gazananlaryny peýdalanmak üçin ähli zerur şertleriň bardygyny nygtady. Bellenilişi ýaly, otaglarda ornaşdyrylan enjamlar, täzeçil tehnologiýalar, okuw sapaklaryny häzirki zaman usulynda, sanly ulgam arkaly alyp barmaga mümkinçilik berýär. Munuň özi ýaşlaryň dersleri çuňňur özleşdirmeginde we dünýä ylmyna ýakyndan aralaşmagynda aýratyn ähmiýetlidir.

Mugallymlar döwrebap mekdepde ýokary derejeli bilim bermek ugrunda ähli zerur şertleriň döredilendigi üçin hormatly Prezidentimize hoşallyk bildirdiler.

Döwlet Baştutanymyz hormatly käriň eýeleri bolan mugallymlara alyp barýan işlerinde üstünlikleri arzuw etdi we olary hem-de okuwçylary ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen gutlady.

Bu ýerde okuwy häzirki zaman usulynda alyp barmaga niýetlenen otaglardaky we barlaghanalardaky enjamlar biologiýa, fizika, himiýa, matematika ýaly dersleri gyzykly hem-de täsirli alyp barmaga mümkinçilik berýär. Lingafon otaglaryndaky täze enjamlar diňe bir amaly sapaklary özleşdirmäge däl, eýsem, daşary ýurt sözlerini dürs aýtmak endigini kämilleşdirmäge-de şert döredýär.

Şeýle hem mekdepde okuwçylaryň sazlaşykly ösüşi, olaryň döredijilik ukyplaryny we zehinlerini açyp görkezmekleri üçin ähli zerur şertler döredildi. Bu ýerde aýdym-saz otaglary, sport hem-de mejlisler zaly, zähmet sapagyny geçmek üçin ýörite otaglar bar. Olarda okuwçy gyzlar el hünärini özleşdirerler. Umumybilim berýän mekdepde lukmançylyk otagy, naharhana bar. Şeýle-de, bu ýerde mugallymlaryň netijeli işlemegi üçin oňyn mümkinçilikler üpjün edildi.

### 160 orunlyk çagalar bagy

► Toplumyň çäginde täze çagalar bagynyň gurlup ulanmaga berilmegi körpeler üçin ajaýyp baýramçylyk sowgadyna öwrüldi. Bu ýerde ýaş nesilleriň sazlaşykly ösüşi, olaryň ýaş aýratynlyklaryny nazara alyp, wagtlaryny peýdaly geçirmekleri üçin ähli zerur şertler döredildi.

Ak mermerli çagalar bagynyň binasyna baranda, körpeler Arkadagly Serdarymyzy şatlyk-şowhun bilen garşyladylar we Täze ýyl gutlaglaryny beýan etdiler. Soňra körpe nesillere hormatly Prezidentimiziň Täze ýyl sowgatlary gowşuryldy.

Çagalar bagy iki gatly esasy binadan we tehniki desgalardan, özbaşdak durmuş üpjünçilik ulgamlaryndan ybaratdyr. Diwarlaryna çagalaryň söýgüli ertekileriniň gahrymanlarynyň şekilleri çekilen çagalar bagyndaky oňaýly mebeller, ýatmak üçin niýetlenen otaglar körpeleriň ygtyýarynda. Şeýle hem bu ýerde okuw, oýun otaglary bolup, olarda çagalaryň ösüşi we boş wagtlaryny peýdaly geçirmekleri üçin ähli zerur şertler döredildi.

Bu ýerde işleýän mugallymlar, terbiýeçiler toplumyň çäginde gurlan ajaýyp çagalar bagynda işlemek, körpe nesillere başlangyç bilim-terbiýe almaklary ugrunda giň mümkinçilikleriň döredilendigi üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Bu ýerde çagalar üçin ähli zerur şertler, okuw otaglary we toparlaryň ýaş aýratynlyklaryna görä şertler üpjün edilen otaglar, oýun meýdançasy bar. Çagalar onda wagtlaryny gyzykly hem-de şatlykly geçirerler. ■2



## Arkadag şäheri – täze eýýamyň üstünligi

**Gahryman Arkadagymyz tarapyndan başy başlanyp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Serdarymyz tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýän ýurdumyzyň şäherlerini, obalaryny, şäherçelerini, etraplardaky şäherleri we etrap merkezlerini ösdürmek bilen baglanyşykly toplumlaýyn işler döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýar. «Arkadag» adyny alan Ahal welaýatynyň täze merkezi şähergurluşyk maksatnamasynyň täze sepgitlere ýetýändiginiň nobatdaky subutnamasydyr.**

**Bu ýerde gurluşyklaryň birinji tapgyrynda jemi 336 sany desganyň, şol sanda häkimligiň edara binasynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň edara binasynyň, Baýdak sütüniniň, «Ahal» monumentiniň, Ahal atçylyk sirkiniň,**



**Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň, Ruhyýet köşgüniň, kitaphananyň, Bagt köşgüniň, drama teatrynyň, muzeýiň, welaýat derejesindäki kärhanalaryň hem-de hukuk goraýjy edaralaryň binalarynyň, banklaryň welaýat şahamçalarynyň edara binalarynyň we beýleki möhüm desgalaryň jemlenmegi-de bu hakykaty dolulygyna tassyklaýar.** ■2

## Ýurdumyzy Täze ýylyň dabaralary gurşap aldy

Täze ýyl baýramçylygy 31-nji dekabrdan 1-nji ýanwara geçilýän gije bellenilýän bolsa-da, oňa taýýarlyklar öňünden başlady. «Döwlet adam üçindir!» diýen baş ýörelgeden ugur alynýan ýurdumyzda ildeşlerimiziň maşgala baýramyny göwnejaý bellemekleri üçin ähli şertler döredilýär. Arkadagly Serdarymyzyň Täze ýyl mynasybetli ýurdumyzyň bazarlarynda we söwda merkezlerinde baýramçylyk söwdalaryny guramak hem-de ilaty azyk bolçulygy bilen üpjün etmek boýunça beren tabşyryklaryndan ugur alnyp, döwrebap çäreler durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda paýtagtymyz Aşgabatda we welaýat merkezlerinde, etraplarda we beýleki şäherlerde hereket edýän köpugurly



söwda nokatlarynda azyk harytlarynyň, sowgatlyk önümleriň, Täze ýyl arçalarynyň ýaraşykly nusgalarynyň we olaryň dürli öwüşginli bezeg serişdeleriniň elýeterli nyrhlardaky söwdasy giňden ýola goýuldy.

Her bir maşgalada Täze ýylyň mynasyp garşylanmagy, saçaklaryň giňden ýazylyp, dürli naz-nygmatlardan doly bolmagy ugrunda türkmen telekeçileriniň, şeýle hem döwlet kärhanalarynyň alyp barýan işlerini-de bellemek gerek. Telekeçiler ilata täze önümlerini hödürlemek bilen çäklenmän, ýokary arzanlaşyklary hem yglan etdiler.

Söwda merkezleriniň ählisinde nagt däl hasaplaşyklar üçin mümkinçilikleriň döredilmegi, Täze ýyl mynasybetli arzanladyşlar, dürli bäsleşikler alyjylaryň höwesini has-da artdyrýar. ■2

### Iki rekord goýdy

Ýaponiýanyň Osaka şäherindäki Täze ýyl arçasy iki rekord goýdy. Dekabr aýynyň başynda gurlan agaç 600 müňden gowrak çyrajyk bilen bezelip, çürbaşynda uzynlygy üç metrden geçýän gar tozgajygynyň şekili ýerleşdirilipdir. Arça bu iki ugurdan Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilipdir.



2

### Aýazbabanyň mesgen tutan obasy

Birnäçe multfilmlerdir ertekilerde Aýazbabanyň sowuk ülkeden gelýändigi aýdylýar. Çagalaryň Täze ýyl baýramyndaky gahrymany hakykatda ýok hem bolsa, Aýazbabanyň obasy, bütin dünýäniň çagalaryndan hat kabul edýän poçtasy, seýilgähi bar.



3

### 45-nji Dakar Rallisine ertir badalga berler

Dünýäniň iň kynçylykly sport ýaryşlarynyň biri bolan Dakar Rallisine 31-nji dekabrda badalga berler. 45-nji gezek geçiriljek ýaryş Saud Arabystanynda guralar. Bu ýurtda bassyr 4-nji gezek geçiriljek ýaryş 14 tapgyrdan ybarat bolar.



4

# TÄZE TOPLUM — HALKYMYZ HAKYNDAKY ALADANYŇ AÝDYŇ BEÝANY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.** Soňra Arkadagly Serdarymyz bagtyýar nesiller bilen bilelikde ýadygärlik surata düşdi.

Hormatly Prezidentimiz mugallymlara we terbiýeçilere alyp barýan işlerinde üstünlik arzuw edip, olary ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen gutlady.

Soňra döwlet Baştutanymyz şanly waka mynasybetli bu ýerde guralan dabara gatnaşýan daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky ilçileri we halkara guramalaryň wekilhanalarynyň ýolbaşçylary bilen gürrüňdeş bolup, olary Täze ýyl baýramy bilen gutlady we diplomatlara ýurdumyzyň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan dabaralara işjeň gatnaşýandyklary üçin minnetdarlyk bildirdi.

Öz gezeginde, Russiýa Federasiýasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi diplomatlaryň adyndan hormatly Prezidentimizi Täze ýyl baýramy bilen gutlap, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň bu ýerde bina edilen täze şäheriň düýbüni tutandygyny, Arkadagly Serdarymyzyň bolsa bu asylly işleri dowam etdirip, gurluşygyň üstünlikli tamamlanmagy ugrunda tagalla edendigini belledi. Şeýle-de, ol ähli diplomatlaryň adyndan hormatly Arkadagymyza iň gowy arzuwlaryny ýetirmegi döwlet Baştutanymyzdan haýyş etdi.

Siz täze şäheri gurduňyz we oňa «Arkadag» diýip mynasyp at dakdyňyz. Munuň özi ýerine düşen çözgüt. Çünki hormatly Arkadag şäheriň gurluşygyna badalga berdi we gurluşyklaryň barşyny yzygiderli gözegçilikde saklady. Şeýlelikde, tagallalar özüniň oňyn netijesini berdi diýip, russiýaly diplomat sözüni dowam etdi we hormatly Prezidentimizi bu şanly waka hem-de Täze ýyl baýramçylygy bilen gutlap, Arkadagly Serdarymyza bagt, egsilmez şatlyk, parahatçylyk, türkmen halkyna bolsa mundan beýläk-de gülläp ösüş we rowaçlyk arzuw etdi.



Hormatly Prezidentimiz hemmeleri şanly waka we ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen ýene-de bir gezek gutlap, bu ýerden ugrady.

### 91,06 gektar ýer böleginde bina edilen döwrebap toplum

► Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň oktýabryndaky degişli Buýrugyna laýyklykda, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň buýurmagynda 91,06 gektar ýer böleginde bina edilen desgalaryň gurluşyk işlerini ýerli hususy kärhanalaryň hem-de hojalyk jemgyýetleriniň 40-synyň alyp barandygyny bellemek gerek. Toplumyň çägindäki täze binalaryň hatarynda 4 gatly ýaşaýyş jaýlarynyň 62-si bar. Olar 3064 maşgala üçin niýetlenendir. Şeýle-de, 320 orunlyk umumybilim berýän orta mekdep, 160 orunlyk çagalar bagy, söwda we medeni-dynç alyş merkezi, 2 gatly söwda dükanlarynyň 10-sy we bazar bar.

Täze ýaşaýyş toplumynda zerur bolan medeni-durmuş düzümleri, ýokary derejede enjamlaşdyrylan oýun we sport meýdançalary bar. Toplumyň çägi we binalaryň ýanaşyk ýerleri göwnejaý abadanlaşdyryldy. Ulag ýollary, yşyklandyryş ulgamy çekildi, ýaş bag nahallary, dürli güller ekildi, gök zolaklar döredildi. Bu oňaýly binalar şäherimiziň ähli künjeginde emele gelýän ýaşaýyş jaý toplumlarynyň nobatdaky tapgyryna öwrüldi.

Şu günki açylan desgalaryň hatarynda «Abadançylyk» söwda-dynç alyş merkeziniň bardygyny bellemeli. Täze merkez binagärligiň nusgawy we häzirki zaman usullarynyň sazlaşdyrylmagy esasynda guruldy. Bu ýerde söwda zallarynyň 5-si, restoran, toý mekany, çaýhana we beýlekiler bar. Söwda merkeziniň ýanaşyk ýerlerinde gök zolaklar döredildi, dürli güller ekildi, özboluşly yşyklandyryş ulgamy we oturgyçlar gurnaldy. Şeýle-de, bu ýerde awtoduralga bar.

## Arkadag şäheri – täze eýýamyň üstünligi

**Başlangyjy 1-nji sahypada.** Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Karary esasynda, Arkadag şäheriniň bilim, saglygy goraýyş, medeniýet edaralaryna we sungat binasyna türkmen halkynyň görnükli şahsyýetleriniň atlarynyň dakylmagy halkymyzyň şatlygyny goşalandyryp, köňül buýsanjyny has-da artdyrdy. Merkezi seýilgähdäki belent sungat binasyna döwrümiziň görnükli syýasatçysy, Gahryman Arkadagymyzyň adynyň dakylyp, onuň «Arkadag Binasy» diýlip atlandyrylmagy bolsa türkmen sungatynyň taryhynda täze sahypany açdy.

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow Ahal welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, welaýatyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň — Arkadag şäheriniň gurluşygynda alnyp barylýan işler bilen gyzyklandy hem-de şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilmegi meýilleşdirilýän desgalaryň taslamalary bilen tanyşdy, degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, häzirki döwürde senagat desgalarynyň gurluşygy ýurdumyzda durmuşa geçirilýän döwlet maksatnamalarynyň esasy ugurlarynyň birine öwrüldi. Ýurdumyzy senagatlaşdyrmagyň çäklerinde täze merkezde ululy-kiçili önümçilik kärhanalary, şol sanda, gaýtadan işleýän önümçilikler döredilер. Munuň özi azyk howpsuzlygyny, degişli ekologiýa ýagdaýyny üpjün etmek bilen bir hatarda, täze iş orunlarynyň döredilmegini, telekeçilik başlangyçlarynyň höweslendirilmegini üpjün eder.

Merkeziň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilmegi meýilleşdirilýän desgalar toplumynyň hatarynda iki gatly ýaşaýyş jaý toplumynyň, seýilgäh zolaklarynyň, häzirki zaman kommunikasiýalar ulgamyna degişli döwrebap serişdeler zolaklarynyň, ýol hereketiniň statistiki hasabatlaryny elektron ulgam arkaly tabşyrmagyň programma üpjünçiligi bar. Şeýle hem Gahryman Arkadagymyza elektron resminama dolanyşyk ulgamynyň merkezleriniň şekil taslamalary görkezildi.



Şu ýerde Gahryman Arkadagymyz özüniň täze ýazan goşgusyny okap berdi. Gahryman Arkadagymyzyň bu goşgusyndaky şahyrana sözler ýurdumyzy, ata Watanymyzy täze üstünliklere alyp barýar.

**Süleýman ANNAGULYÝEW,**
*Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň iňlis diliniň stilistikasy we grammatikasy kafedrasynyň mugallymy.*

## Arkadagymyzyň goşgulary – halkymyzyň röwşen tugy

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda batly gadamlar bilen öňe barýar. Biz häzirki ajaýyp zamanada erkana, asuda we şatlykly durmuşda ýaşap, her bir gazanylýan üstünlikleriň, özgerişlikleriň, ösüşiň şaýady bolýarys. Ýurdumyzyň ähli pudaklarynda gazanylýan ösüşler buýsanjyňy artdyrýar. Eziz Diýarymyz toý lybasyna bürenip, şahandaz halkymyzyň at-owazasyny äleme ýaýýar. Ähli ösüşleriň, özgerişlikleriň gözbaşynda bolsa, hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli syýasatynyň bardygy aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň öňe süren «Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarynyň durmuşa işjeň ornaşdyrylýandygyny her bir ädimde duýmak bolýar.

Biziň ýurdumyzda her ýyly üstünlikler bilen jemlemek, her täze ýyly uly wakalar, berk ynam, ýagşy arzuw-islegler bilen garşylamak, hakykatdan-da, adata öwrülip gidendir. «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda bitirilen işler, döwletliligimiziň ýene bir ýylyny garşy alýan pursatlarymyzdaky biri-birinden ähmiýetli wakalar muny ýene bir gezek görkezýär. Şu ajaýyp günlerde Gahryman Arkadagymyzyň täze goşgusynyň döremegi we halkymyza ýetirilmegi hem aýratyn möhüm waka bolup, halkymyza Täze ýyl sowgady boldy. Döredijilik adamlary üçin bolsa bu has gymmatly sowgada öwrüldi.

Gahryman Arkadagymyz özüniň täze goşgusynda dünýämiziň asuda, parahat bolmagy ugrunda ýurdumyzda uly tagallalaryň edilýändigini, halkymyzyň eşretli durmuşda ýaşap, Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda ägirt uly işleriň amala aşyrylýandygyny nygtaýar.

Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyz geçen ýyl hem Täze ýylyň öňüsyrasynda halkymyza özüniň ýene-de bir ajaýyp goşgusyny sowgat edipdi. Hormatly Arkadagymyz Täze ýylyň garşylanýan pursatlarynda ýurduň ýeten derejesini, rowaçlyklara beslenýän menzillerini wasp edip, täze goşgy döredip, ony «Jan Watanym Türkmenistan!» diýip atlandyrypdy.

Gahryman Arkadagymyzyň bu goşgusy hem özüniň şahyranalygy bilen tapawutlanyp, ata Watanymyz, mukaddes topragymyz, edermen halkymyz şahyrana setirlerde giňden wasp edilýär.

Gahryman Arkadagymyzyň ajaýyp eserleri durmuşymyzyň her täze sahypasyna öwüşgin çaýýar. Şeýle eserler türkmen halkynyň ösüşleriniň hem-de edermenlikleriniň mynasyp waspydyr.

**Seýit SEÝIDOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

## Täze ýyl arçasy barada gyzykly maglumatlar

Täze ýyl hemmeler üçin uzak garaşylýan hem-de şatlykly bellenilýän baýramlaryň biridir. Bu baýramçylygyň esasy aýratynlygy bezelen arça agaçlarydyr. Her ýurduň özboluşly arçalary bar. Olaryň şu wagta çenli guralan iň özboluşly hem-de adaty bolmadyk görnüşleri dünýäniň dürli ýerlerinden syýahatçylary özüne çekýär.

Awstraliýadaky Täze ýyl arçasy ýarym milliondan gowrak «Lego» oýunjagyndan ýasaldy. Gondurasdaky arça Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Bu arçanyň şekilini emele getirmek üçin 3 müňe golaý adam bir ýere jemlendi.

Italiýanyň Gubbio şäheriniň ýaşaýjylary arçanyň şekilini şäheriň islendik künjeginden görüp bilýärler. Her ýylda şäheriň ýanyndaky Injino dagynyň eteklerinde çyralardan arçanyň äpet şekili ýasalýar. Uzynlygy 650 metre ýetýän bu şekil Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi.

Braziliýanyň meşhur Rio-de-Žaneýro şäherindäki dört sany äpet Täze ýyl arçasy Lagoa kölüniň ortarasynda «ýüzýän» platformada berkidildi. Olaryň her biri dürli reňkde öwüşgin bermegi bilen tapawutlanýar. Waşingtondaky Täze ýyl arçasy bolsa, 7 müň kilometr uzakdan – Alýaskadan getirilipdir. Umuman, Täze ýyl baýramçylygyna öwüşgin çaýýan arçalar barada gyzykly maglumatlar köp.



**Aýmyrat KAKAÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Ýurdumyzy Täze ýylyň dabaralary gurşap aldy



**Başlangyjy 1-nji sahypada.** «Altyn asyr» harytşynaslyk merkezi baýramçylygyň öňüsyrasynda özboluşly sowgatlyk harytlaryň ençemesini halk köpçüligine niýetläpdir. Olaryň arasynda towşanjygyň şekili bilen bezelen owadan ýorgan-düşek daşlyklary, dürli matalar, aýakgaplar, çagalar üçin ýörite «Towşanjyklar» atly dokma oýunjaklar, şeýle hem oýnawaç torbajyklar, satuw tekjelerinde bolsa «Gala», «Ýeňiş», «Bedew», «ADT», «Bürgüt» haryt nyşanly we beýleki köp sanly içerki kärhanalaryň täze önümleri uly orun eýeläpdir.

Baýramçylyk günlerinde sungat ussatlarynyň, aýdym-saz toparlarynyň, wäşileriň çykyşlary hem halkymyza uly şatlyk eçilýär. Daşary ýurtly aýdymçylaryň baýramçylyk konsertleri guralýar. Olarda Russiýanyň we Türkiýäniň tanymal aýdymçylary çykyş edýärler.

Ýurdumyzda Russiýanyň döwlet sirkiniň artistleriniň guraýan çykyşlary hem baýramçylyk günleriniň şatlygyna şatlyk goşýar.

Ösüş-özgerişlere beslenýän Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ilkinji gezek bellenilýän Täze ýyl baýramy häzirden şatlyk-şowhuna beslenýär. Şu günlerden alnyp barylýan taýýarlyk işleri Täze ýyl arçalarynyň, şeýle-de ýanýodalardaky, seýilgählerdäki arçalaryň bezeginde, söwda nokatlarynyň tekjelerini bezeýän dürli görnüşli sowgatlarda, aýdymçylaryň taýýarlaýan şowhunly çykyşlarynda, körpejelerimiziň dillerinde sena bolan goşgularda has aýdyň görünýär.

**Maksatmuhammet MELÄÝEW,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

## Iki rekord goýdy

Ýaponiýanyň Osaka şäherindäki Täze ýyl arçasy iki rekord goýdy. Dekabr aýynyň başynda gurlan agaç 600 müňden gowrak çyrajyk bilen bezelip, çürbaşynda uzynlygy üç metrden geçýän gar tozgajygynyň şekili ýerleşdirilipdir. Bu iki ugurdan bolsa, Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilipdir. Beýikligi 30 metre ýetýän «Tükeniksiz kristal agaç» atly arça 2011-nji ýyldan bäri gurulýar. Arça şäheriň iň köp adamly ýerleriniň biri bolan «Universal Studios Japan» seýilgähiniň öňünde ýerleşdirilipdir. Arçanyň töweregi hem dürli yşyklar bilen bezelip, agşamara bu ýere gelýänlerde uly täsir galdyrýar. Bu ýerde dürli reňkli yşyklar bilen görkezilýän jadylaýjy şekilleriň «çykyşy» saz bilen utgaşyp, tomaşaçylarda uly täsir galdyrýar. Bu şowhun her on minutdan bir gezek gaýtalanýar. Gün ýaşandan başlaýan bu çykyş tä güýmenje seýilgähi ýapylýança – giç agşama çenli dowam edýär. Onuň töweregi hemişe şowhunly bolýar. Dekabryň başynda gurlan arça 9-njy ýanwara çenli açyk bolýar.



**Maýagözel GÜJÜKBAÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

## Iň halanan tagamlar

Syýahatçylara dürli maglumatlary we maslahatlary berýän «Lonely Planet» neşiri 2022-nji ýylyň iň gowy görlen tagamlarynyň sanawyny ýaýratdy. Şeýle hem neşiriň bilermenleri haýsy tagamyň nirede has gowy taýýarlanýandygyny hem anyklapdyrlar. Sanawyň başynda pinkstos atly ispan nahary bar. Çöregiň üstüne goýlup taýýarlanýan bu nahary ýurduň demirgazygyndaky kenarýaka San Sebastýan şäheriniň aşpezleri has gowy taýýarlaýar. Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpurda taýýarlanýan Kurri laksa bolsa sanawyň ikinji basgançagynda özüne orun tapypdyr. Dürli ysly otlar goşulyp, Uzak Gündogar ýurtlaryna mahsus aşdan taýýarlanan çorba Singapurda we Indoneziýada hem meşhurdyr. Ýapon aşhanasynyň iň belli tagamy bolan suşini bolsa tokioly aşpezler has tagamly edip taýýarlaýarlar. Çig deňiz önümlerinden we gök önümlerden taýýarlanýan suşi dünýäniň köp şäherindäki restoranlarda müşderilere hödürlenýär. ABŞ-nyň Tehas şäherindäki aşpezleriň taýýarlaýan ýuka kesilen etden taýýarlanýan nahary bolsa, dördünji bolupdyr. Bu tagam uly malyň az ýagly etinden közde bişirilýär. Dünýäniň iň köp syýahatçy çekýän ýurtlarynyň biri bolan Tailandyň paýtagty Bangkokdaky restoranlarda hödürlenýän som-tum işdäaçary bäşinji bolupdyr. Papaýa miwesinden (gawun agajy) taýýarlanýan bu tagam ýurduň demirgazyk-gündogarynda has ýaýrandyr. Sanawda smorrebrod (Kopengagen), kerewit (Täze Zelandiýanyň Günorta adalary), bibimbap (Koreýa Respublikasy), pizza (Napoli) we dim sum (Gonkong) bar.



**Oguljennet BAÝMUHAMMEDOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwesitetiniň talyby.*

## Sürüjisiz taksiler garaňkyda hem işlär

Hytaýyň «Baidu» tehnologiýa kompaniýasy köp wagtdan bäri awtomatlaşdyrylan sürüş tehnologiýasyny işläp taýýarlaýar. Kompaniýa Hytaýyň Uhan şäherinde sürüjisiz taksi hyzmatyny ýola goýdy. Kompaniýanyň ýolbaşçysy Robin Li «Apollo Go» atly taksileriň 2025-nji ýyla çenli 65, 2030-njy ýyla çenli 100 şäherde ýola goýulmagyny meýilleşdirýändiklerini belleýär. Uhan şäherindäki taksiler irden 7-den, agşam 23-e çenli hyzmat eder. «Baidu»-nyň inženerleriniň işläp taýýarlan awtonom sürüş tehnologiýasy kameralar, radarlar we lidarlar bilen üpjün edilip, ygtybarly syýahaty amala aşyrmaga mümkinçilik berýär. Mundan ozal sürüjisiz ulaglar şäherde 9-dan 17-ä çenli işleýärdi. Bu taksiler 10 milliondan gowrak ýaşaýjysy bolan şäheriň belli ýerlerinde hereket edip, bir million müşderi üçin elýeterli bolar. Şäherde 50 sany sürüjisiz taksi hyzmat edýär. Bu ulaglar diňe degişli howpsuzlyk enjamlary ýerleşdirilen ýollarda hereket edip bilýär. Uhanda şeýle ýollaryň jemi uzynlygy 400 kilometre ýetýär.

Bu şäherde «Apollo Go» taksileri arkaly şu ýylyň üçünji çärýeginde kabul edilen sargytlaryň sany geçen ýylyň degişli döwründäkiden 311 göterim artyp, 474 müňden gowrak bolupdyr. Bütin ýurduň çäginde bolsa jemi 1,4 million sargydy ýerine ýetiripdir.



Hytaýyň senagat taýdan ösen şäherleriniň biri bolan Uhan ýurtda ulaglaryň sürüji bolmazdan özbaşdak hereket etmegine rugsat berilýän ilkinji şäherleriniň biridir.

**Leýli Öwezgeldiýewa,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwesitetiniň talyby.*

## 110 şäherde 5G bar

Hytaýyň Senagat we programma üpjünçiligi tehnologiýalary ministrliginiň maglumatyna görä, gigabit kuwwatynda 5G we optiki süýümli internet hyzmatlaryny hödürleýän şäherleriň sany 110-a ýetipdir. Bu şäherleriň 41 sanysy ýurduň gündogarynda, 29 sanysy orta sebitlerinde, 40 sanysy günbatarda ýerleşýär. Bu şäherlerdäki 5G beketleriniň sany 10 müň adama ortaça 22,2 bolupdyr. Bu görkeziji ýurduň ähli ýeri hasaba alnanda 10 müň adama 15,7-den düşýär. Bu şäherlerdäki iri hassahanalaryň, ýokary okuw mekdepleriniň, esasy medeni we syýahatçylyk merkezleriniň, howa menzilleriniň we esasy ýollaryň 80 göteriminden gowragynda 5G elýeterliligi bardygy mälim edildi.



**Bagtygül ÖWEZOWA,**
*Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň mugallymy.*

## Girdeji babatda öňdeligini saklady

Smartfon we beýleki mobil enjamlary öndürýän kompaniýalaryň arasynda köp ýyldan bäri girdeji babatda «Apple», önümçilik möçberi babatda «Samsung» öňdeligi eýeleýär. Ýylyň üçünji çärýeginde hem «Apple» ýokary girdejili bolmagynda galdy. Degişli döwürde smartfon bazaryndan alnan girdejiniň 42 göterimini «iPhone» telefonlary emele getiripdir. Degişli döwürde kompaniýanyň satan smartfonlarynyň umumy bahasy 40 milliard dollar töweregi bolupdyr. Bu smartfonyň täze, has gymmat nusgalarynyň satuwy ýokary girdejä täsir edipdir. Amerikan kompaniýasy köp ýyldan bäri diňe ýokary hilli smartfonlary öndürýär. Global bazarda smartfon satuwyndan alnan girdejiniň 18,5 göterimi «Samsung»-yň paýyna düşüpdir. Şeýlelikde, koreý brendi ozalky derejesini saklap galypdyr. Kompaniýanyň adaty telefon satuwy azalan hem bolsa, eplenýän ekranly telefon satuwynyň artmagy öňküsi ýaly girdeji almagyna getiripdir. Umumy girdejiniň 8,3 göterimini «Xiaomi» alypdyr. Beýleki hytaý brendleri bolan «Oppo» hem-de «Vivo» degişlilikde 4-nji we 5-nji orunlary eýeläpdir.



Bilermenler dünýäde üç aýyň dowamynda ýerlenen telefonlaryň umumy bahasynyň 96 milliard dollar töweregi bolandygyny belleýärler. Bu döwürde telefonlaryň ortaça bahasy 10 göterim töweregi artypdyr, emma satylan möçberi azalypdyr.

**Täçnabat GULBERDIÝEWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.*

## 10 müňünji bekedini açdy

**«Tesla» kompaniýasy Hytaýdaky 10 müňünji zarýad beriji bekedini açandygyny mälim etdi. Kompaniýanyň elektroulag babatda belli sepgitden geçendigini alamatlandyrýan beket Şanhaýyň Lužiazui maliýe sebitinde guruldy. Amerikan kompaniýasy Hytaýdaky 9 müňünji çalt zarýad beriji bekedini şu ýylyň sentýabr aýynda ýurduň Hunan welaýatynda işe girizipdi. Elektroulag önümçiligi bilen meşgullanýan «Tesla»-nyň Şanhaýdaky zawodynda (Gigafactory) geçen aýda 100 müň 291 elektroulag öndürilip, täze rekordyň hasaba alnandygy mälim edildi. Bu önümçilik toplumynda şu ýylyň 11 aýynda 650 müňden gowrak elektroulag öndürilendigi habar berlipdi.**



**Kompaniýanyň ABŞ-dan başga-da Berlinde we Şanhaýda hem zawodlary bar.**

**Amannazar BAÝEW,**
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.***

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Dekabr aýynyň 30-y, 2022
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-110806
Belgisi: 52/1514
Tiražy: 6740
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
elektron poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

## DÜNÝÄ HABARLARY

**gysga setirlerde**

► **Seulda uşyk baýramy geçirilýär.** Koreýa Respublikasynyň paýtagtynda golaýlap gelýän Täze ýyl baýramynyň hormatyna uşyk baýramçylygy badalga aldy. Baýramçylyk meýdançasynda dört sany zolak ýerleşýär. Zolaklaryň birinde 2023-nji ýylyň nyşany bolan towşanyň 12 metrlik heýkeli bar.



► **«Google» lukmanlaryň hatyny okar.** Hassalaryň köpüsi lukmanlaryň ýazan ýazgylaryny okap bilmeýärler. Şu maksat bilen «Google» lukman hatlaryny aýdyňlaşdyrmak üçin programma üpjünçiligini döretdi. Ulanyjylar smartfonyň kamerasy arkaly ýazylanlaryň suratyny alandan soň düşnükli harplarda ýazylan derman atlaryny okap bilerler.



► **Messiniň keşbi şekillendiriler.** Argentinanyň Milli bankynyň ýolbaşçylary ýurduň milli futbol toparynyň kapitany Lionel Messiniň keşbi ýerleşdirilen kagyz puly dolanyşyga goýberip, Argentinanyň ýygyndy toparynyň Katarda geçirilen Dünýä çempionatyndaky ýeňşini ebedileşdirmek isleýärler.



► **YHG-niň syýahatçylyk paýtagty.** Özbegistanyň Şahrisabz şäheri 2024-nji ýyl üçin Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň syýahatçylyk paýtagty hökmünde saýlandy. Degişli karar onlaýn görnüşde geçirilen YHG döwletleriniň syýahatçylyk ministrleriniň dördünji mejlisiniň netijesinde kabul edildi.



## TARYHDA ŞU GÜN

■ **Sowet himigi Sergeý Lebedew 1927-nji ýylyň 30-njy dekabrynda dünýäde ilkinji bolup sintetiki kauçugy almagyň senagat usulyny işläp düzdi. Oýlap tapyjy, nebitden diwinil öndürmäge hem uly goşant goşdy. 1926-njy ýylda ýurtda rezin sintezi boýunça iň gowy iş üçin yglan edilen bäsleşikde Sergeý Lebedew ýeňiji bolupdy.**





## Ýylyň reňki saýlandy

**Moda we grafika dizaýny bilen meşgullanýan amerikan kompaniýasy «Pantone» 2023-nji ýylyň reňkini yglan etdi. «Pantone» kompaniýasy her ýyl dünýäni öboluşly şöhlelendirýän reňk hökmünde bir reňk markasyny saýlaýar. Geljek ýylda «Viva Magenta» grafiki dizaýn işlerinde iň köp ulanyljak reňk bolar. Marka «ýylylyk we salkyn deňagramlylygy görkezýän gyrmyzy gyzyl reňk» hökmünde suratlandyrylýar. Kompaniýanyň hünärmenleri: «2023-nji ýylda «Viva Magenta»-ny köp sanly önümlerden tapyp bilersiňiz. Bu reňk markasynda brend egin-eşikler, aýakgaplar, fitnes enjamlary, bezeg enjamlary we başga-da birnäçe önüm öndüriler» diýip belleýärler. 2022-nji ýylda «Very Peri» benewşe reňk ýylyň reňki diýlip yglan edilipdi.**

# Afrikanyň ilaty artýar

Häzir dünýäniň ilaty 8 milliarddan geçdi. Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatlaryna görä, ilatyň köpelmeginiň 80 göterimi, esasan, ösýän ýurtlarda bolup geçýär. Hünärmenler ilatyň bu ösüş depgininiň ykdysadyýet, saglygy goramak, bilim we durnukly ösüş babatda uly meseleleri döredýändigini belleýärler. BMG 2030-njy ýyla çenli dünýä ilatynyň 8,5 milliard, 2050-nji ýyla çenli 9,7 milliard we 2080-nji ýyla çenli, takmynan, 10,4 milliard adam boljakdygyny çaklaýar.

Ýewropa Komissiýasynyň demokratiýa we demografiýa boýunça wise-prezidenti Dubrawka Şuýsa dünýä ilatynyň artýandygyny belläp, tebigy baýlyklar tygşytly ulanylsa, planetanyň şeýle ösüş depginlerine garşy durup biljekdigini öňe sürdi.

BMG-niň maglumatlaryna görä, Aziýa ýakyn onýyllykda iň köp ilatly yklym bolar. Hindistan ilkinji gezek Hytaýdan öňe geçer. 2050-nji ýyla çenli dünýäde ilatyň ösüşiniň ýarysyndan gowragynyň Afrika ýurtlaryna degişli bolmagyna garaşylýar.

BMG-niň maglumatlaryna görä, Ýeriň her üçünji ýaşaýjysy Hytaýda we Hindistanda bolar. Hindistan özüniň iň köp ilaty bilen Hytaýdan öňe saýlanar. Filippinler ýakyn onýyllyklarda dünýä ilatynyň köpelmegine iň köp goşant goşjak ýurtlaryň biri bolar. BMG-niň maglumatlaryna görä, Afrika 1,4 milliard ilaty bilen dünýäniň iň uly demografik hereketlendirijisi bolup, 2100-nji ýylda bu görkeziji 4,3 milliarda ýeter. 2050-nji ýyla çenli dünýäde ilatyň köpelmeginiň ýarysyndan gowragy Müsürde, Efiopiýada, Nigeriýada, Kongo Demokratik Respublikasynda we Tanzaniýada bolar. «Biziň dünýämiz maglumatlarda» barlag saýtynyň habaryna görä, Afrika dünýädäki iň ýaş yklym bolup, bu ýerde ortaça ýaş Aziýadaky 31,2, Ýewropadaky 41,7 ýaş bilen



deňeşdirilende, 18,6 ýaşdan ybaratdyr. Afrikada dünýädäki 2,5 çaga bilen deňeşdirilende, ortaça 4,7 çaga dogulýar.

Nigeriýa özüniň köp ilaty bilen hemmäniň ünsüni özüne çekýär. Bu ýerde, takmynan, 220 million adam ýaşaýar, ýöne 2050-nji ýyla çenli 400 milliona çenli ilaty bolar.

2100-nji ýylda Ýer ýüzündäki her on adamdan dördüsiniň afrikaly boljakdygy çaklanylýar. Bu depgin dowam etse, XXI asyryň ahyrynda dünýäniň iň uly üç megapolisi Afrika yklymynda ýerleşer – bular Lagos (Nigeriýa), Kinşasa (KDR) we Dar-es-Salam (Tanzaniýa) ýaly ýurtlardan ybaratdyr.

# REKORD GIRDEJI GAZANDY

2022-nji ýylda Müsürdäki Sues kanaly 7,932 milliard dollar girdeji gazandy. Bu barada Sues kanalynyň administrasiýasynyň başlygy Osama Rabi habar berdi. Ol parlamentde eden çykyşynda «2022-nji ýyldaky girdejileriň Sues kanalynyň taryhynda iň ýokary derejede bolandygyny belläp, 2021-nji ýylda bu girdejileriň 6,333 milliard dollara deň bolandygyny tassyklady. Onuň sözlerine görä, 2022-nji ýylda Sues kanalyndan 1,4 milliard tonna ýükli 23 müňden gowrak gämi, öňki ýylda bolsa 21,7 müň gämi geçipdir.

Sues kanalynyň administrasiýasynyň başlygynyň öňki orunbasary Wael Kaddur rekord girdejileri nebite bolan isleg bilen düşündirdi, sebäbi energiýa göterijileriniň deňiz gatnawy, esasan, Sues kanalyndan geçýär. Ol 2023-nji ýylyň ýanwaryndan tranzit üçin tölegleriň 10-15 göterim ýokarlandyryljakdygy sebäpli ýakyn ýyllarda girdejileriň artmagyna ynam bildirdi. Sues kanaly, Müsüriň milli girdejileriniň we pul ätiýaçlyklarynyň esasy çeşmeleriniň biridir.

Dünýä söwdasynyň 12%-ini we dünýädä-



ki nebit daşalyşynyň 5-10%-ini emele getirýän Sues kanaly gämi gatnawy üçin 1869-njy ýylyň noýabr aýynda açylyp, söwda gämilerine Aziýadan Ýewropa deňiz ýoluny 8 müň kilometr gysgaltmaga mümkinçilik berdi. Öň bu aralygy geçmek üçin bütin Afrika yklymynyň daşyndan aýlanmaly bolýardy.

# Çägeden we pomidordan AÝAZBABA ýasadylar

Hindi suratkeşi we heýkeltaraşy Sudarsan Pattnaik Odişa ştatynyň Gopalpur şäheriniň golaýyndaky kenarda Aýazbabanyň çägeden we pomidordan ýasalan heýkelini köpçülige hödürle-



di. Heýkeltaraşyň jemgyýetçilik torundaky maglumatlaryna görä, ol 15 talybynyň kömegi bilen ini 60 fut (18,2 metr), boýy 27 fut (8,2 metr) bolan heýkeli ýasamagyň hötdesinden gelipdir.

– Pomidordan we çägeden ýasalan bu Aýazbaba dünýäniň iň uly gurnamasydyr. Gopalpuryň kenarynda ýasalan bu heýkel üçin 1,5 tonna pomidor sarp edildi. Meniň talyplarym heýkeliň işini tamamlamak üçin tagallalaryny birikdirdiler – diýip, Pattnaik belledi.

Bu heýkel köplerde gyzyklanma döredip, ony görmäge gelýänleriň sany barha artýar. 45 ýaşly heýkeltaraşyň žurnalistlere gürrüň berşi ýaly özi hem-de topary mundan öň hem Roždestwo baýramçylygynda dürli materiallary ulanyp, Aýazbabanyň uly heýkelini döredipdirler.

Pattnaikiň çägeden ýasan işleri bütin dünýäde meşhurdyr, olaryň käbiri Ginnesiň rekordlar kitabyna hem girizildi. Pattnaik köplenç dünýäde bolup geçýän dürli wakalara jogap hökmünde çäge heýkellerini döredýär. Heýkeltaraş 2017-nji ýylda Moskwadaky Kolomensk muzeý-mülküniň çäginde guralan X çäge sungaty boýunça çempionatyň altyn medaly bilen sylaglandy.

# Türki döwletleriň sammiti geçiriler

**Türki döwletleriň guramasynyň onunjy sammiti 2023-nji ýylda Gazagystanda geçiriler. Bu barada Gazagystanyň Prezidentiniň metbugat gullugy ýurduň lideri Kasym-Žomart Tokaýewiň TDG-niň Baş sekretary Kubanyçbek Omuraliýew bilen duşuşygyndan soň habar berdi.**

**«Döwlet Baştutany, guramanyň sekretariatynyň öňünde şu ýylyň oktýabr aýynda Samarkant şäherinde geçirilen sammitde kabul edilen ileri tutulýan ugurlary we başlangyçlary netijeli durmuşa geçirmek meselesiniň durýandygyny aýtdy. Türki döwletleriň guramasy 2009-njy ýylda döredildi. TDG-niň indiki, onunjy ýubileý sammiti 2023-nji ýylda Gazagystanda geçiriler» diýlip beýanatda bellenilýär.**

**Şeýle hem Gazagystanyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew Omuraliýewi TDG-niň Baş sekretarynyň wezipesine bellenmegi bilen gutlady. Kasym-Žomart Tokaýew guramany esaslandyryjylaryň biri hökmünde Gazagystanyň türki döwletler bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge gyzyklanma bildirýändigini we sekretariatyň işine goldaw berjekdigini aýtdy.**

**Ol guramanyň türki halklarynyň hyzmatdaşlygyny we jebisligini berkitmek üçin özboluşly platforma hökmünde ähmiýetiniň ep-esli artandygyny belledi. Häzirki wagtda dünýäniň köp döwletleri we halkara guramalary tarapyndan bu gurama bilen söwda, ykdysady, medeni we ynsanperwer gatnaşyklary giňeltmäge isleg bildirilýär – diýip, Kasym-Žomart Tokaýew belledi.**



**2009-njy ýylda döredilen Türki dilli döwletleriň Hyzmatdaşlyk Geňeşi 2021-nji ýylyň noýabr aýynda Stambulda geçirilen sammitde Türki döwletleriň guramasy diýip adyny üýtgetmek barada karar kabul etdi. Bu guramanyň düzümine Azerbaýjan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Türkiýe we Özbegistan girip, Türkmenistan we Wengriýa synçy hökmünde gatnaşýar.**

# Alžir BRIKS-e goşulmakçy

Alžiriň Prezidenti Abdelmajid Tebbun öz ýurdunyň 2023-nji ýylda BRIKS guramasyna agza bolmagyna umyt edýändigini habar berdi. Onuň sözlerine görä, Russiýa, HHR, GAR we Braziliýa eýýäm ýurduň bileleşige girmegini makullady.

– 2023-nji ýyl Alžiriň BRIKS-e goşuljak ýyly bolar – diýip, Tebbun belledi. Alžiriň BRIKS-e, ýagny, Braziliýanyň, Russiýanyň, Hindistanyň, Hytaýyň we Günorta Afrika Respublikasynyň döwletara bileleşigine girmek barada arza bilen ýüz tutandygyny öň ýurduň DIM-niň halkara hyzmatdaşlygy boýunça ýörite wekili Leýla Zaruki habar beripdi. Ol guramanyň iýunda geçen sammitinde Russiýa bilen Hytaýyň Alžiriň bu gurama agza bolmak baradaky kararyny goldandygyny belledi.

Alžiriň lideri Abdelmajid Tebbun ýaňy-ýakynda hem ýurduň



BRIKS-e girmäge taýýardygyny mälim etdi we munuň üçin ähli şertleriň diýen ýaly bardygyny aýtdy.

«Afrikanyň işewürlik başlangyjy» bileleşiginiň edarasynyň ýolbaşçysy, «Waldaý» klubunyň bilermeni Natalýa Saýzeriň aýtmagyna görä, Afrika yklymyndan ýene bir döwletiň BRIKS-e agza bolmagy bileleşigi has-da berkider.

# Geçi süýdüniň saglyga peýdasy

**Geçi süýdi dünýäde iň köp ulanylýan süýt görnüşiniň biri bolup, dünýä ilatynyň dörtden üç bölegi geçi süýdüni ýa-da ondan taýýarlanan önümi sarp edýär. Munuň esasy sebäbi bu önümiň ýeňil özleşýändigi, witaminlere baýdygy hem-de süýjümtik tagamynyň bolmagydyr. Geçi süýdüniň düzüminde belok, kalsiý, kaliý, fosfor, magniý ýaly peýdaly maddalar, A witamini, şeker we uglewodlar saklanýar. Geçirilen barlaglarda sygyr hem-de geçi süýdüniň arasyndaky tapawut kesgitlendi. Görlüp oturylsa, geçi süýdi sygyr süýdünden birneme süýji bolup, ýagynyň ap-ak hem-de peýniriniň sary bolmagy bilen tapawutlanýan eken. Mundan başga-da, barlagyň dowamynda geçi süýdüniň saglyk üçin birnäçe peýdasy ýüze çykaryldy.**

**Deri üçin peýdaly. Geçi süýdi derini arassalaýan işjeň maddalara baý iýmitdir. Bellemeklerine görä, geçi süýdi düwürtigi aýyrmak bilen bir hatarda, Gün şöhlesinden zeper ýeten derini nemlendirýär hem-de deriniň täzelenmegine goşant goşýar. Mundan başga-da, derini ýumşatmaga hem-de ýaşartmaga kömek edýär.**

**Kadaly agram. Geçi süýdi yzygiderli sarp edilende kadaly agram derejesi saklanyp, ýürek keseliniň, süýjüli diabetiň hem-de ýokary gan basyşynyň öňüni almaga ýardam edýändigi bellenilýär. Şeýle-de, düwnük keseliniň döremeginiň öňüni alýar.**

**Ýeňil siňýär. Geçi süýdüni özleşdirmek has aňsat bolup, ýaglylygy sygryň süýdünden 20 göterim pesdir. Şol sebäpli sygryň süýdüni içip bilmeýän adamlara geçi süýdüni içmek maslahat berilýär. Işdä babatda hem oňaýly täsiri bolan geçi süýdi belok çalşygyny çaltlaşdyrýar.**

**Trombositleri köpeldýär. Bedende duş gelýän näsazlyklaryň biri hem gan damaryndaky öýjükleriň (trombosit) azalmagydyr. Geçi süýdi gan aýlanyşyny kadalaşdyryp, öýjükleriň köpelmegine, bedendäki minerallaryň iýmit siňdirişde ulanylyşyna**



**we madda alyş-çalşygyna kömek edýär. Şeýle hem geçi süýdi gandaky şekeriň derejesini kadalaşdyryp, insultyň öňüni alýar.**

**Süýt allergiýasynyň öňüni alýar. Geçi süýdünde köp mukdarda A2 maddasy saklanyp, süýt allergiýasy bolan adamlara ýaramly hasaplanýar. Bu madda ýokary belok derejesine eýe bolup, kiçi ýaşly çagalara alternatiw iýmit hökmünde hödürlenýär. Bu, esasan hem, geçi süýdüniň düzümindäki laktozanyň (süýtdäki tebigy şeker) ýumşaklygy bilen baglydyr.**

**Ganazlygyň öňüni alýar. Geçi süýdünde kalsiý, demir, magniý we fosfor bar. Bedenimiz bu minerallary aňsatlyk bilen siňdirip, demir we magniý ýetmezligini düzedýär. Şol sebäpli bilermenler ganazlykdan ejir çekýänlere geçi süýdüni içmegi maslahat berýärler.**

# AÝAZBABANYŇ MESGEN TUTAN OBASY

Birnäçe multfilmlerdir ertekilerde Aýazbabanyň sowuk ülkeden gelýändigi, Laplandiýada ýaşaýandygy aýdylýar. Çagalaryň Täze ýyl baýramyndaky gahrymany hakykatda ýok hem bolsa, Aýazbabanyň obasy, bütin dünýäniň çagalaryndan hat kabul edýän poçtasy, seýilgähi bar. Bu oba Finlýandiýanyň demirgazygyndaky Lanlandiýa sebitiniň merkezi şäheri Rowanieminiň golaýynda ýerleşýär. Aýazbaba obasy (finçe:Joulupukin Pajakylä) Finlýandiýanyň meşhur syýahatçylyk merkezleriniň biri bolup, gyş paslynda has köp myhmany kabul edýär. Şeýle-de bolsa, obadaky Aýazbabanyň öýüne ýylyň ähli möwsüminde hyýaly dünýäni söýýän jahankeşdeler we çagalar gelýärler. 1985-nji ýylda açylan obada Aýazbabanyň poçta gutusy bolup, oňa dünýäniň dürli ýerlerinden çagalaryň iberen hatlary gelip gowuşýar. Şeýle hem ol ýere barýan myhmanlar hem poçta gutusyna hat oklap bilýärler. Aýazbabanyň ýörite kömekçileri bolup, guta atylan hatlara jogap ýazýarlar. Mundan başga-da, Aýazbabanyň obasynda dürli el işleriniň dükanlary, ýadygärlik sowgatlyklarynyň dükanlary hem-de Täze ýyl däpleri bilen tanyşdyrýan sergi merkezleri bar. Bu obanyň iň meşhur ýerleriniň biri hem Arktika aýlawy bolup, 700 metr uzynlygyndaky hyýaly çyzyk bilen bölünýär. Çyzykdan geçen adam Arktika, ýagny, Demirgazyk polýusyň çägine ilkinji ädimini ädýär. Mälim bolşy ýaly, Ýer planetasynyň demirgazygynda we günortasynda Polýar aýlawlary bolup, planetanyň iki polýusyna belli bir derejede golaý ýer şeýle atlandyrylýar. Aýazbabanyň iş edarasy obanyň merkezinde ýerleşip, onuň öz iş wagty bar. Myhmanlar Aýazbaba bilen surata düşmek, awtoýazgylary almak maksady bilen onuň iş edarasyna barýarlar. Şeýle hem bu ýerdäki Ounaswaara bagy gyş tebigatynyň gözelligine gözellik goşýar.



**AÝAZBABA SEÝILGÄHI**

Aýazbabanyň obasynda 1998-nji ýylda adybir seýilgäh hem açyldy. Bu dynç-alyş güýmenje merkezi Finlýandiýadaky iň gowy seýilgähleriň biri hasaplanýar. Arktika aýlawynda ýerleşýän bu seýilgäh Aýazbabanyň gowakdaky otagyna meňzedilip, gaýalaryň içinde gurlupdyr. Dürli medeniýetlerde Aýazbabanyň Laplandiýada ýaşaýandygy bellenilýär. Şol sebäpli syýahatçylar Rowaniemi şäherine Aýazbaba bilen görüşmek üçin gelýärler. Aýazbaba seýilgähi adatça, tomusda iýunyň ortalaryndan awgustyň ilkinji hepdelerine çenli, gyşyna bolsa, noýabryň ahyryndan ýanwaryň başyna çenli açyk bolýar. Bu desga Aýazbaba degişli zatlary, Täze ýylyň däp-dessurlaryny, şeýle-de lapland medeniýetini we tebigatyny görkezmek maksady bilen gurlupdyr.



Aýazbaba seýilgähiniň myhmanlary «Gingerbread's Gingerbread» atly çörek bişirilýän kärhana baryp görýärler, «Buz galereýasy» atly ýerde buz şazadasy bilen görüşýärler hem-de ýakynlaryny Täze ýyl bilen gutlap, poçta bölüminden hat iberýärler. Şeýle hem «Candybar», «Jadyly otly», «Kota» kafesi, Elfleriň mekdebi we senetçilik zolagy bu ýere gelenlerde özboluşly täsir galdyrýar. Bu ýerdäki sahnada, esasan, akrobatika şüweleňi – «Jadyly Roždestwo» ýerine ýetirilýär. Seýilgähdäki köp sanly garbanyşhanalar üýtgeşik tagamlary bilen tapawutlanýar.

Mahlasy bu ýere baran myhmanlar Roždestwo şüweleňi, Aýazbabanyň edarasy, poçta bölümi, çörek bişirilýän ýer, täsin otly, Elfleriň mekdebi we ussahanasy, buz galereýasy, Polýar aýlawynyň ýerasty geçelgesi, oýnawaç söwda merkezi we «Kota Hut» kafesi ýaly ýerlerde bolup görýärler.

Seýilgäh Rowaniemi şäheriniň 9 kilometr demirgazyk-gündogarynda, howa menzilinden 2 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Ýylyň dowamynda ýurduň paýtagty Helsinkiden we beýleki şäherlerden Rowaniemi şäherine otly we awtobus gatnawlary amala aşyrylýar. Daşary ýurtly syýahatçylaryň köpüsi ilki Helsinki-Wantaa howa menziline gelip, ol ýerden başga bir uçara münüp Rowaniemi şäherine barýarlar. Şeýle hem Roždestwo döwründe Şwesiýadan, Beýik Britaniýadan we beýleki ýurtlardan Rowaniemi şäherine ýörite uçar gatnawlary ýola goýulýar. Mundan başga-da, käbir awiakompaniýalar daşary ýurtlardan Rowaniemi şäherine yzygiderli uçar gatnawyny amala aşyrýar. Rowanieminiň merkezinden Aýazbaba seýilgähine we Aýazbabanyň obasyna awtobus bilen bary-ýogy 15 minutyň dowamynda baryp bolýar.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.



# Naýbaşy Kubok 8-nji gezek «Altyn asyrda»

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogy ugrundaky duşuşykda «Altyn asyr» ýeňiş gazandy. 2021-nji ýylyň çempiony «Altyn asyr» bilen 2021-nji ýylyň Türkmenistanyň Kubogynyň eýesi «Şagadamyň» arasyndaky duşuşyk diýseň çekeleşikli geçip, ol paýtagtymyzdaky «Nusaý» stadionynda oýnaldy. Duşuşykda «Altyn asyr» topary 3-1 hasabynda ýeňiş gazanyp, 8-nji gezek Naýbaşy Kuboga mynasyp boldy. Oýnuň 3-nji minutynda Kerim Hojaberdiýew «Şagadamy» 1-0 öňe saýlady. 32-nji minutda eminiň bellän penalti urgusyny dürs uran Myrat Annaýew hasaby deňledi. 67-nji minutda Yhlas Toýjanow, 76-njy minutda-da Altymyrat Annadurdyýew «Altyn asyra» ýeňiş getiren gollary geçirmegi başardylar. Şeýlelikde, «Altyn asyr» topary bassyr 8-nji gezek Türkmenistanyň Naýbaşy Kubogyny asmana göterdi. «Şagadam» topary bolsa 3-nji gezek Naýbaşy Kubogy duşuşygynda ýeňlişe sezewar boldy.**

**ÝYLYŇ TAPAWUTLANANLARY**

**◆ Şeýle-de, milli çempionatda ýylyň ökdeleri saýlanyp, «Köpetdagyň» oýunçysy Begenç Akmämmedow möwsümiň iň ökde futbolçysy diýlip yglan edildi. «Ahalyň» baş tälimçisi Mergen Orazow iň ökde tälimçi, bu toparyň derwezeçisi Resul Çaryýew bolsa iň ökde derwezeçi diýlip saýlanyldy. Garşydaşlarynyň derwezesinden netijeli urgularyň 27-sini geçiren Didar Durdyýew («Ahal») iň köp gol geçiren oýunçylaryň arasynda öňe saýlandy. «Feýr-pleý» baýragyna «Merw» topary mynasyp boldy. Gatnaşan duşuşyklaryny ynamly geçiren Resul Mämmedow möwsümiň iň ökde emini diýlip saýlanyldy.**




# Gurban Berdiýew «Soçiniň» tälimçisi boldy

Türkmenistanly meşhur tälimçi Gurban Berdiýewiň Russiýanyň «Premýer Ligasyna» dolanandygy resmi ýagdaýda mälim edildi. Eýranyň «Traktor» toparyndaky tälimçilik wezipesini bir aý öň taşlan 70 ýaşyndaky hünärmeniň «Premýer Liganyň» «Soçi» kluby bilen 2,5 ýyllyk şertnama baglaşandygy habar berildi. Bu barada «Soçi» klubunyň prezidenti Boris Rottenberg: «Biz bir aý öň ylalaşyk gazanypdyk» diýip belledi. «Soçi» topary Gurban Berdiýewiň tälim berjek 10-njy kluby bolar. Ol mundan öň karýerasy boýunça dürli döwürlerde «Himik», «Gençlerbirligi», «Kaýrat», «Munaýşi» («Kaspiý»), «Nissa», «Kristall», «Rubin», «Rostow» hem-de «Traktor» toparlaryna tälim beripdi. Gurban Berdiýew soňky gezek Russiýanyň çempionatynda 2017-2019-njy ýyllar aralygynda «Rubiniň» tälimçisi bolupdy.

Gurban Berdiýewiň «Soçiniň» tälimçisi bolmagyndan soň russiýaly meşhur tälimçi Ýuriý Semin bu barada: — Biziň çempionatymyza güýçli hünärmen, ökde tälimçi dolanyp geldi. Biziň futbolymyz hem-de «Soçi» üçin bu uly artykmaçlyk. Ýewropada «Barselonany» ýeňen «Rubin» biziň ýadymyzda, şeýle-de «Rubiniň» çempionlyklary biziň hakydamyzda. Men Gurban Berdiýewi gutlaýaryn. Diýseň dogry netijä gelipdir. Oňa üstünlik arzuw edýärin — diýip belledi.

«Soçi» topary Russiýanyň çempionatynda 17-nji tapgyrdan soň 25 utuk bilen 9-njy orunda barýar.

# 45-nji Dakar Rallisine ertir badalga berler

**Dünýäniň iň kynçylykly sport ýaryşlarynyň biri bolan Dakar Rallisine 31-nji dekabrda badalga berler. 45-nji gezek geçiriljek ýaryş Saud Arabystanynda guralar. Bu ýurtda bassyr 4-nji gezek geçiriljek ýaryş 14 tapgyrdan ybarat bolar. Gyzyl deňziň kenaryndaky Ýanbu şäherinden bat aljak ýaryş 15-nji ýanwarda Pars aýlagyndaky Dammam şäherinde tamamlanar. 31-nji dekabrdaky 11 kilometrlik 1-nji tapgyrdan soň, sürüjileriň orunlary belli bolup, 1-nji ýanwarda esasy bäsleşige başlarlar.**

**Geçen ýyldaky ýaryşa garanyňda, bäsleşigiň ugry 70 göterim üýtgedilip, sürüjileriň geçjek aralygynyň 5 müň kilometri ýörite tapgyrlar bolar. Sürüjiler jemi 8600 kilometre golaý ýol geçerler. Ýaryşa bu ýyl hem 450-ä golaý sürüjiniň gatnaşmagyna garaşylýar. Dakar Rallisinde motosiklçiler, kwadrosiklçiler, ýeňil ulag sürüjileri, ýük ulagy sürüjileri, şol sanda SxS-T3, UTV-T4 ulag görnüşleriniň sürüjileri gatnaşarlar.**




**Dakar Rallisine bu ýyl hem «Red Bull» toparynyň sürüjileri – Nasser Al-Attiýa, ispaniýaly Karlos Saýns, Sem Sanderland, Tobi Praýs, meşhur kwadrosiklçilerden Aleksandre Žiru, Manuel Anduhar, bu ýaryşyň ägirtlerinden Stefan Peterhansel, Sebastien Lýob ýaly ýeňil awtomobil sürüjileri-de çykyş ederler. 45-nji Dakar Rallisine ildeşlerimizden hem 2 topar gatnaşyp, Gurbangeldi Daňatarow bilen kömekçisi Didar Orazmedow, şeýle-de Hydyrberdi Abdurahmanow bilen kömekçisi Muhammetmyrat Gurbanow «Nissan Patrol» kysymly ulag bilen ýaryşa gatnaşarlar. Ildeşlerimiz degişlilikde, 271-nji we 272-nji belgili ulaglar bilen ýaryşa goşularlar. Ýaryşa bu ýyl «Kamaz» toparynyň sürüjileri gatnaşmaz.**

**Dakar Rallisinde sürüjiler 9-njy ýanwarda paýtagt Er-Riýadda dynç alarlar.**

# Katar 2022 Dünýä Kubogynyň iň owadan goly saýlandy

Katar 2022 Dünýä Kubogynyň iň owadan goly saýlandy. FIFA tarapyndan berlen maglumatda Braziliýanyň ýygyndysynyň ýyldyz hüjümçisi Rişarlisonyň ýarym üstaşyr şekilde Serbiýanyň ýygyndysynyň derwezesinden geçiren ajaýyp goly çempionatyň iň owadan goly diýlip saýlandy. Ol bu goly duşuşygyň 73-nji minutynda Winisius Junioryň pasyndan soň geçiripdi. Ses berlişige Rişarlisonyň golundan başga-da arabystanly Salem Al-Dowsariniň Argentinanyň ýygyndysynyň derwezesinden geçiren goly, niderland hüjümçi Kodi Gakponyň (Niderlandlar – Senegal), argentinaly Enzo Fernandesiň (Argentina – Meksika), kamerunly Wensan Abubakaryň (Kamerun – Braziliýa), meksikaly Luis Çawesiň jerime urgusyndan geçiren goly (Meksika – Saud Arabystany), fransiýaly Kilian Mbappeniň (Fransiýa – Polşa), koreýaly Paýk Syn Honuň (Braziliýa – G. Koreýa) hem-de braziliýaly Neýmaryň (Braziliýa – Horwatiýa) gollary-da dalaşgär görkezilipdi.




# Dünýä Kubogyndan soň 9 ýygyndynyň tälimçisi wezipesinden gitdi

Argentinanyň çempionlygy bilen tamamlanan Katar 2022 Dünýä Kubogyndan soň çempionata gatnaşan 32 ýygyndynyň käbiriniň tälimçisi wezipesini taşlady. Mälim bolşy ýaly, çempionaty garaşylyşyndan ir terk eden Belgiýanyň tälimçisi Roberto Martinesiň şertnamasy tamamlandy. Ýurduň futbol federasiýasy ispaniýaly hünärmen bilen şertnamanyň möhletini uzaltmady. Şol sanda Ispaniýanyň ýygyndysy Luis Enrike hem wezipesinden boşadyldy. Onuň ornuna Ispaniýanyň ýaşlar (U21) ýygyndysynyň tälimçisi Luis de la Fuente wezipä bellendi. Ispaniýanyň ýygyndysy çempionata şowly başlap, kynlyk bilenem bolsa 1/8 finala çykypdy. Ýöne 1/8 finalda olar Marokkodan penaltileriň netijesinde asgyn gelipdi. Günorta Koreýanyň portugaliýaly tälimçisi Paulo Bentonyň şertnamasy tamamlanyp, onuň möhleti uzaldylmady. Ýogsam koreýler taryhynda 3-nji gezek 1/8 finalda oýnamaga hukuk gazanypdylar.

Gananyň ýygyndysynyň tälimçisi Otto Addo bolsa ozalky işine, ýagny «Borussiýa Dortmund» klubundaky kömekçi tälimçi wezipesine dolandy. Ol şu ýylyň başynda Gananyň ýygyndysynyň tälimçiligine wagtlaýynça bellenilipdi. Meksikanyň ýygyndysynyň argentinaly tälimçisi Herardo Martino toparyň yzly-yzyna 8 ýaryşdan soň 1/8 finala çykyp bilmändigine özüniň günäkärdigini aýdyp, wezipesini taşlady. Ol çempionatyň dowamynda wezipesini taşlan ilkinji tälimçileriň biri bolupdy.



Dünýä Kubogynyň taryhynda tälimçi bolan duşuşyklarynda esasy wagtda ýeke oýunda hem ýeňilmedik Luis Wan Gaalyň Niderlandlaryň tälimçiligini bes etjekdigi ozaldan bellidi. Diňe 2 gezek, ikisinde-de Argentinadan penaltileriň netijesinde asgyn gelen Luis Wan Gaalyň ornuna topara 2018-2020-nji ýyllar aralygynda tälim beren Ronald Kuman wezipä bellendi. Niderlandlaryň ýygyndysyna 3 dürli döwürde tälim beren we ýaşy bir çene baran Luis Wan Gaal saglyk ýagdaýyny hem nazarda tutup, mundan soňky durmuşyny dynç alyşda geçirer.

Dünýä Kubogyna çempionlyk maksady bilen gatnaşan, ýöne çärýek finaldan yzyna gaýdan Braziliýanyň ýygyndysynyň tälimçisi Tite hem milli topardaky wezipesini terk edenleriň biri boldy. Ol Dünýä Kubogyndan öň şeýle karara, ýagny çempionatdan soň wezipesini taşlajakdygy barada netijä gelendigini aýdyp, milli ýygyndy bilen hoşlaşdy. Onsuzam ol soňky ýyllarda Braziliýanyň ýygyndysynyň yzly-yzyna 2 Dünýä Kubogyna gatnaşan ilkinji tälimçisi bolupdy.

Super ýyldyz Kristiano Ronaldony 1/8 we çärýek final duşuşyklarynda ätiýaçda oturdyp, köpleriň nägileligine sebäp bolan Portugaliýanyň ýygyndysynyň tälimçisi Fernando Santoş wezipesini taşlanlaryň hataryna goşuldy. Has takygy, federasiýa bilen özara ylalaşan Santoş belli bir derejede wezipesinden boşadyldy diýilse hem bolar. Ýeri gelende aýtsak, Fernando Santoş Marokkonyň ýygyndysyndan utulanyndan soň wezipesini elden gideren 3-nji tälimçi boldy. Ýokarda-da belleýşimiz ýaly, Belgiýadyr Ispaniýanyň ýygyndylary hem Marokkodan asgyn gelipdi. Eýranyň ýygyndysynyň tälimçisi Karloş Keýroş hem ýygyndynyň çempionatdan gaýtmagyndan soň işini taşlanlaryň biri boldy. Ol şu ýylyň 7-nji sentýabrynda bu wezipä bellenipdi. Keýroş 2011-2019-njy ýyllar aralygynda-da Eýranyň ýygyndysyna tälim beripdi.

**TÄZE TÄLIMÇI GÖZLENÝÄR**

● Umuman alnanda, 9 ýygyndynyň tälimçisi çempionat döwründe ýa-da çempionatdan soň wezipesinden gitdi. Häzirlikçe şol 9 tälimçiniň diňe 2-siniň ornuna geçen tälimçi belli bolup, olar hem Luis de la Fuente (Ispaniýa) bilen Ronald Kumandyr (Niderlandlar). Edil häzirki wagtda galan ýygyndylar ýokary depginde tälimçi gözleýärler. Portugaliýanyň ýygyndysy ussat tälimçi Žoze Mourino teklip bilen ýüzlendi. Ýöne «Romanyň» tälimçisi bu teklipden häzirlikçe ýüz öwürdi. Portugaliýanyň tälimçiligine Rui Patrisionyň bellenmegine garaşylýar. Braziliýanyň ýygyndysy üçinem Zinedin Zidanyň ady agzalýar. Belgiýanyň ýygyndysy hem topara EURO 2024-de şowly netijeler gazandyryp biljek tälimçiniň gözleginde. Ýeri gelende bellesek, milli ýygyndylar mart aýynyň ahyrynda nobatdaky duşuşyklaryny geçirerler. Ýewropada EURO 2024-iň saýlama tapgyryna badalga berler.

Galyberse-de, çempionatda çärýek finaldan gaýdan Angliýanyň ýygyndysynyň tälimçisi Garet Sautgeýtiň ýene 2 ýyl bu wezipesini dowam etdirjekdigi mälim edildi. Wise-çempion Fransiýada hem Didie Deşamyň azyndan 2 ýyl bu wezipede galmagyna garaşylýar. Deşam bu barada pikirlenmek üçin federasiýadan wagt sorady.

# Bir sözlemde...

› NHL-de «Waşington Kapitolsyň» öz meýdançasynda «Winnipeg Jetsi» 4-1 ýeňen duşuşygynda russiýaly ýyldyz hokkeýçi Aleksandr Oweçkin 2 gezek tapawutlanyp (şu möwsümde 22-nji goly), NHL-de adaty möwsümdäki gollarynyň sanyny 802-ä ýetirdi we 2-nji ýerdäki 801 golly Gordi Houdan öňe saýlandy (1-nji ýerde 894 golly Weýn Greski bar).

› Ispaniýaly tennisçi Rafael Nadal yzly-yzyna 900 hepde sanawyň ilkinji onlugynda galyp, muny başaran ilkinji erkek, umumylykda-da Martina Nawratilowadan (1000 hepde) soň 2-nji tennisçi hökmünde adyny taryha girizdi.

› Formula 1-de Mihael Şumaheriň ogly «Ferrari» toparyndan «Mercedes» toparyna geçip, ol bu toparyň ätiýaçdaky 3-nji sürüjisi bolar.

› Angliýanyň «Liwerpul» kluby PSW toparynyň 23 ýaşly niderland hüjümçisi Kodi Gakpony 6 ýyllyk şertnama bilen 45 million ýewro transfer etdi (Gakpo PSW-de jemi 159 oýunda 55 gol geçiripdi).

› Meksikanyň 37 ýaşyndaky derwezeçisi Gilermo Oçoa ýurdunyň «Amerika» toparyndan Italiýanyň «Salernitana» toparyna tölegsiz transfer bolup, ol möwsümiň ahyryna çenli şertnama baglaşdy.

› Geçen möwsümiň ahyrynda 2-nji liga («Serie B») düşen «Kaliari» topary ozal klubda 1988-1991-nji ýyllar aralygynda işlän 71 ýaşyndaky Klaudio Ranierini tälimçilige belledi.

# «PREMIER LIGADA» ARAKESME TAMAMLANDY

Angliýanyň «Premier Ligasynda» arakesme tamamlanyp, 17-nji tapgyryň duşuşyklaryna badalga berildi. Sanawyň lideri «Arsenal» London derbisinde «West Hamy» garşydaşynyň 1–0 öňe saýlanandygyna garamazdan, Edegoryň erjel oýny esasynda 3–1 ýeňmegi başardy. Belrahmanyň (27) penaltiden geçiren goly bilen öňe saýlanan «West Hamyň» derwezesinden ýeňiş gollaryny Saka (53), Martinelli (58) hem-de Nketia (69) geçirdi. Duşuşykda 1-nji we 3-nji gollaryň pasyny Edegor berip, ol toparynyň ýeňiş gazanmagynda esasy roly oýnady. Edil şonuň ýaly netije «Aston Willa» – «Liwerpul» duşuşygynda-da hasaba alnyp, myhmanlar 3–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Gollary Salah, Wan Deýk hem-de 18 ýaşyndaky Baýçetiç geçirdi. «Liwerpuldaky» 172-nji goluny geçiren Mohamed Salah bu ugurda Kenni Dalgliş bilen deňleşdi. Şeýle-de bu goluň pasyny beren 28 ýaşyndaky Andrýuw Robertson «Premier Ligadaky» 231-nji duşuşygynda 54-nji asistini etdi. Şunlukda, ol «Premier Ligada» iň köp asist eden goragçy rekordynyň täze eýesi boldy. Ondan öň bu ugurda 420 oýunda 53 goluň pasyny beren Leiton Baýnes öňde barýardy. «Çelsi» öz meýdançasynda «Bornmuty» Hawers hem-de Mauntyň gollary bilen 2–0 ýeňip, 5 tapgyrdan soň ýeňiş gazandy. Londonlylar 3 oýundan bäri ýeňlip gelýärdi. «Mançester Ýunaýted» hem öz meýdançasynda «Nottingam Foresti» 3–0 hasabynda ýeňip, arakesmeden soň ýeňiş bilen başlady. Mankunianlara ýeňiş getiren gollary Reşford, Marsial hem-de Fred geçirdi.




**11 GÜNDE 30 DUŞUŞYK**

● «Premier Ligada» 18-nji tapgyryň duşuşyklary 30-njy, 31-nji dekabrda, 1-nji ýanwarda, şeýle-de, 19-njy tapgyryň duşuşyklary 2–3–4–5-nji ýanwarda oýnalar. Mahlasy, 26-njy dekabr-5-nji ýanwar aralygyndaky 11 günde iňlis klublary 3 tapgyryň duşuşyklaryny tamamlarlar. Başgaça aýdylanda, «Premier Ligada» 11 günde 30 duşuşyk oýnalar. «Premier Ligada» 19-njy tapgyrdan soň 1 hepdelik arakesme berlip, onuň ornuna Liga Kubogynyň çärýek final («Mançester Ýunaýted»–«Çarlton Atletik», «Southempton»–«Mançester Siti», «Nottingam Forest»–«Wulwerhempton», «Nýukasl»–«Lester Siti») duşuşyklary geçiriler. 20-nji tapgyryň oýunlary 13-nji ýanwarda başlar.



**BEÝLEKI LIGALAR**

● Ýewropada Angliýanyň «Premier Ligasyndan» başga-da Fransiýanyň «Ligue 1»-inde, Ispaniýanyň «La Ligasynda» Dünýä Kubogy zerarly berlen mejbury arakesme tamamlandy. Fransiýada 16-njy tapgyryň oýunlary 28-nji we 29-njy dekabrda oýnaldy. 17-nji tapgyryň duşuşyklary-da 1-2-nji ýanwarda başlar. «La Ligada»-da 15-nji tapgyryň duşuşyklary 29-njy dekabrda başlap, ol ertir tamamlanar. 6-9-njy ýanwar aralygynda-da 16-njy tapgyryň duşuşyklary geçiriler.




Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da arakesme 4-nji ýanwarda, «Bundesligada» 20-nji ýanwarda tamamlanar.

***Öňümizdäki 7 günüň iň esasy duşuşyklary:*** **30-njy dekabr:** «Liwerpul»–«Lester» (01:00), «Walýadolid»–«Real Madrid» (01:30); **31-nji dekabr:** «Barselona»–«Espanýol» (18:00), «M. Siti»–«Ewerton» (20:00), «Wilýarreal»–«Walensiýa» (20:15), «Braýton»–«Arsenal» (22:30); **1-nji ýanwar:** «Tottenham»–«A. Willa» (19:00), «Nottingam»–«Çelsi» (21:30), «Lans»–PSŽ (00:45); **2-nji ýanwar:** «Brentford»–«Liwerpul» (22:30); **3-nji ýanwar:** «Arsenal»– «Nýukasl» (00:45), «M. Ýunaýted»–«Bornmut» (01:00); **4-nji ýanwar:** «Salernitana»–«Milan» (16:30), «Inter»–«Napoli» (00:45), «K. Palas»–«Tottenham» (01:00); **5-nji ýanwar:** «Çelsi»–«M. Siti» (01:00).

**PREMIER LEAGUE (17) – 34 gol**

**Brentford—Tottenham: 2–2** (Ýanelt 15, Touni 54 — Keýn 65, Hýoýberg 71), **Ewerton—Wulwerhempton: 1–2** (Mina 7 — Podense 22, Aýt-Nuri 90+5), **K. Palas—Fulham: 0–3** (De Kordowa-Rid 31, Rim 71, Mitrowiç 80), **Lester—Nýukasl: 0–3** (Wud 3 p, Almiron 7, Žoelinton 32), **Southempton—Braýton: 1–3** (Ward-Prouz 73 — Lallana 14, Perro 35 ö.d., Març 56), **Aston Willa—Liwerpul: 1–3** (Watkins 59 — Salah 5, Wan Deýk 37, Baýçetiç 81), **Arsenal—West Ham: 3–1** (Saka 53, Martinelli 59, Nketia 69 — Benrahma 27 p), **Çelsi—Bornmut: 2–0** (Hawers 16, Maunt 24), **M. Ýunaýted—Nottingam: 3–0** (Reşford 19, Marsial 22, Fred 87), **Lids – M. Siti: 1–3** (Streýk 73 — Rodri 45+1, Holann 51, 64)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 15 | 13 | 1 | 1 | 36-12 | 40 |
| 2 | MAN. SITI | 15 | 11 | 2 | 2 | 43-15 | 35 |
| 3 | NÝUKASL | 16 | 9 | 6 | 1 | 32-11 | 33 |
| 4 | TOTTENHAM | 16 | 9 | 3 | 4 | 33-23 | 30 |
| 5 | M. ÝUNAÝTED | 15 | 9 | 2 | 4 | 23-20 | 29 |
| 6 | LIWERPUL | 15 | 7 | 4 | 4 | 31-18 | 25 |
| 7 | BRAÝTON | 15 | 7 | 3 | 5 | 26-20 | 24 |
| 8 | ÇELSI | 15 | 7 | 3 | 5 | 19-17 | 24 |
| 9 | FULHAM | 16 | 6 | 4 | 6 | 27-26 | 22 |
| 10 | BRENTFORD | 16 | 4 | 8 | 4 | 25-27 | 20 |
| 11 | K. PALAS | 15 | 5 | 4 | 6 | 15-21 | 19 |
| 12 | ASTON WILLA | 16 | 5 | 3 | 8 | 17-25 | 18 |
| 13 | LESTER | 16 | 5 | 2 | 9 | 25-28 | 17 |
| 14 | BORNMUT | 16 | 4 | 4 | 8 | 18-34 | 16 |
| 15 | LIDS | 15 | 4 | 3 | 8 | 23-29 | 15 |
| 16 | WEST HAM | 16 | 4 | 2 | 10 | 13-20 | 14 |
| 17 | EWERTON | 16 | 3 | 5 | 8 | 12-19 | 14 |
| 18 | W. HEMPTON | 16 | 3 | 4 | 9 | 10-25 | 13 |
| 19 | NOTTINGAM | 16 | 3 | 4 | 9 | 11-33 | 13 |
| 20 | SOUTHEMPTON | 16 | 3 | 3 | 10 | 14-30 | 12 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Man. Siti) | 20 |
| 2 | Harri KEÝN (Tottenham) | 13 |
| 3 | Aýwen TOUNI (Brentford) | 11 |
| 4 | Aleksandar MITROWIÇ (Fulham) | 10 |
| 5 | RODRIGO (Lids) | 9 |



# Ýokiç we Donçiçiň taryhy statistikalary

**Amerikanyň Milli basketbol ligasy NBA-da Gündogar Ýewropanyň iki super ýyldyzy – Nikola Ýokiç bilen Luka Donçiçiň şemaly belentden öwüsýär. Her duşuşygynda «double-double» ýa-da «triple-double» edýän ýyldyzlar şu hepdäniň dowamynda duşuşyklarynda görkezen statistikalary bilen NBA-nyň taryhyna atlaryny altyn harplar bilen ýazdyrdylar. «Denwer Naggetsiň» öz meýdançasynda «Finiks Sansy» 2 owertaýmyň netijesinde 128:125 hasap bilen ýeňmegi başardy. Duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň serbiýaly ýyldyzy, NBA-da 2 ýyl bassyr adaty möwsümiň iň gymmatly oýunçysy saýlanan Nikola Ýokiç 41 utuk, 15 ribaund, 15 asist görkezijiler bilen «triple-double» etmegi başardy. Bu görkezijiler bilen ol NBA-nyň taryhynda Oskar Robertson (1961-nji we 1962-nji ýyllarda 2 gezek) hem-de Jeýms Hardenden (2016-njy ýylda) soň 1 oýunda azyndan 40 utuk, 15 ribaund, 15 asist eden 3-nji basketbolçy boldy.**

**Ýokiçden soň sloweniýaly Luka Donçiç hem NBA-nyň taryhyna girmegi başardy. 23 ýaşyndaky ýyldyz oýunçy topary «Dallas Maweriksiň» öz meýdançasynda «Nýu Ýork Niksi» owertaýmyň netijesinde 126:121 hasap bilen ýeňen duşuşygynda geçirilen utuklaryň deň ýaryna golaýyny öz adyna ýazdyrypdy. Ol 60 utuk 21 ribaund hem-de 10 asistlik görkeziji bilen NBA-da ozal görlüp-eşidilmedik «triple-double» netije görkezdi. Ol NBA-da 60 utuk, 20 ribaund hem-de 10 asist eden ilkinji basketbolçy boldy.**

**LeBron Braýantyň REKORDYNY TÄZELEDI**

**◆ Şeýle-de, LeBron Jeýms merhum ýyldyz Kobe Braýantyň rekordyny täzeledi. Ol Roždestwo güni 17-nji gezek duşuşyk geçirip, bu ugurda Braýantdan öňe saýlandy. Galyberse-de, «LA Leýkersiň» ýyldyzy LeBron Jeýms Roždestwo güni oýnalan duşuşyklarda 422 utuk geçirip, bu babatda-da rekordyň eýesi boldy.**





Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# TÄZE ÝYLYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## TÜRKMENBAŞYDAKY NEBITI GAÝTADAN IŞLEÝÄN ZAWODLAR TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys! Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir gününi, her bir ýylyny möhüm wakalara besleýän halkymyz Täze – 2023-nji ýylyň bosagasynda dur. Watandaşlarymyz «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylyny ajaýyp zähmet üstünliklerine besläp, Täze ýyly uly joşgun bilen garşylaýarlar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň öňdengörüjilikli syýasatyňyz netijesinde, eziz Diýarymyzyň dünýä derejesindäki abraýy has-da belende galýar. Ykdysadyýetiň beýleki pudaklary bilen bir hatarda nebit-gaz pudagynda ýetilýän sepgitler Siziň taýsyz tagallalaryňyzyň miwesidir. Siziň aladalaryňyzy her ädimde duýup işleýän Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň agzybir işgärleri 2023-nji ýyly düşümli, bereketli ýyla öwürmek üçin elde baryny edip zähmet çekýärler. Türkmenistanly nebiti gaýtadan işleýjileriň yhlasy we gujur-gaýraty bilen öndürilýän nebit-himiýa önümleri dünýä bazarynda mundan beýläk-de meşhurlyk gazanar.

**Hormatly Prezidentimiz!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap ata Watanymyzy gülledip ösdürmek, ykdysady kuwwatyny has-da pugtalandyrmak, ony dünýäniň iň ösen döwletleriniň hataryna çykarmak ugrunda alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňiziň mundan beýläk hem rowaçlanmagyny arzuw edýäris!

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolup, geljekki ösüşleri nazarlaýan syýasatyňyzyň türkmen döwletimizde dabaralanmagyny dileýäris!

Täze – 2023-nji ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň agzybir işgärleriniň adyndan toplumyň baş direktory D. ÇIŞIÝEW.**

## TÜRKMENISTANYŇ KÄRDEŞLER ARKALAŞYKLARYNYŇ DAŞOGUZ WELAÝAT BIRLEŞMESI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy Täze – 2023-nji ýyl bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň syýasatyňyz netijesinde, eziz Diýarymyzyň dünýä derejesindäki abraýy has-da belende galýar. Ata Watanymyzyň güýjüne-güýç, kuwwatyna-kuwwat goşjak Täze ýyl hem Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bagtyýar halkymyzyň bereketli saçagyna täze bir durmuş lezzeti, ýaşaýyş süýjüligi bolup goşular.

**Hormatly Prezidentimiz!** Mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegini we halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen çuňňur pähim-paýhasa, belent ynsanperwerlige ýugrulan, uzak geljegi nazarlaýan syýasatyňyz eziz Diýarymyzy öňegidişlikleriň, ösüşleriň we rowaçlygyň Watanyna öwürdi. Siziň baştutanlygyňyzda asylly maksatlary nazarlaýan ägirt uly işler, halkymyzyň agzybirligi we jebisligi Täze – 2023-nji ýylyň uly üstünliklere we rowaçlyklara beslenjekdigine uly ynam we buýsanç duýgularyny döredýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Ata Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň abadan we eşretli durmuşy, bagtyýar geljegi ugrunda alyp barýan tutumly işleriňizde Size rowaçlyk, berk jan saglyk, uzak ömür hem-de egsilmez gujur-gaýrat arzuw edýäris!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşyrdurdy ALLAÝEW,**
**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň başlygy, Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň deputaty, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy.**

## Zehinli iş

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Dünýäniň müňýyllyklar bilen ölçenilýän taryhyna täze sahypa bolup girjek Täze – 2023-nji ýyl mähriban ýurdumyz we bagtyýar halkymyz üçin beýik ösüşleriň hem-de ruhy galkynyşyň ýyly bolar.

Sizi we halkymyzy ýetip gelýän Täze – 2023-nji ýyl bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys! Ykdysadyýetiň beýleki pudaklary bilen bir hatarda telekeçilik ugrunda ýetilýän sepgitler Siziň taýsyz tagallalaryňyzyň miwesidir. Siziň aladalaryňyzy her ädimde duýup ýaşaýan we işleýän türkmen telekeçileri 2023-nji ýyly düşümli, bereketli ýyla öwürmek üçin elde baryny edip zähmet çekýärler.

Goý, Täze ýyl Türkmenistan üçin beýik üstünlikleriň we ýeňişleriň ýyly bolsun! Täze ýyl her bir ojaga bagt we rowaçlyk getirsin, goý, her bir öý üstünliklere hem-de geljege bolan ynama beslensin!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Şu şatlykly pursatdan peýdalanyp, Size berk jan saglyk we uzak ömür, il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!

Siziň baştutanlygyňyzda 2023-nji ýyl eziz Diýarymyz üçin rysgally-döwletli, bereketli, düşümli ýyllaryň biri bolsun! Täze ýylda ýurdumyz parahat bolup, Türkmenistanyň her bir raýatyna üstünligiň, halallygyň, zähmetsöýerligiň hemra bolmagyny arzuw edýäris!

Täze – 2023-nji ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ZEHINLI IŞ» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## Miweli Ülke

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy ähli işgärlerimiziň adyndan Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siz halkymyzy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösüşiň täze belentliklerine tarap ynamly öňe alyp barýarsyňyz. Halkymyzyň eşretli durmuşda bolelin ýaşamagy üçin uly işleri amala aşyrýarsyňyz. Halkymyz bolsa barha ynamly öňe barýan ata Watanymyzyň ýokary depgindäki ösüşine guwanyp-buýsanyp, Size çäksiz alkyşlaryny aýdýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Pursatdan peýdalanyp, Täze ýyl baýramy mynasybetli Size berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli alyp barýan ähli tutumly işleriňizde diňe rowaçlyklaryň ýaran bolmagyny arzuw edýäris! Mähriban türkmen halkymyza bolsa ýurt abadançylygyny, maşgala ojaklarynda rysgal-döwlet, agzybirlik, asudalyk arzuw edýäris!

Täze – 2023-nji ýyl her bir ojaga bagt paýlasyn!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MIWELI ÜLKE» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÄZE ÝYLYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## AŞGABADYŇ DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Halkymyz Täze – 2023-nji ýyly uly zähmet ýeňişleri bilen garşylaýar. Ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen Sizi we halkymyzy gyzgyn gutlaýarys!

Halkymyzyň röwşen geljeginiň hatyrasyna başyňyzyň dik, janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny arzuw edýäris! Garaşsyz Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, her bir raýatyň bagtyýar, her bir maşgalanyň bolelin durmuşda ýaşamagy ugrunda alyp barýan tutumly işleriňiz elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň baştutanlygyňyzda alnyp barylýan we üstünlikli durmuşa geçirilýän giň gerimli tutumlaryňyzyň netijesinde, bu günki gün Türkmenistany bütin dünýä tanaýar, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesi has-da ýokarlanýar. Halkymyzyň bagtly ýaşaýşynyň, röwşen geljeginiň, eşretli durmuşynyň hatyrasyna Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe alyp barýan täze başlangyçlaryňyzyň rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Goý, Täze – 2023-nji ýyl düşümli, rysgal-bereketli ýyllaryň biri bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Aşgabadyň Dokma Toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «GAP – TÜRKMEN» ÝGPJ TÜRKMENBAŞY JINS TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bedew batly ösüşlere we ajaýyp wakalara beslenen «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda Garaşsyz hem hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde yklymlary ösüşiň we parahatçylygyň aýdyň ýoly bilen jebisleşdirýän umumadamzat ähmiýetli beýik taslamalar amala aşyryldy. Ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda amala aşyrylýan rowaç işler Garaşsyz hem hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi dünýäde ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösýän kuwwatly döwletleriň birine öwürdi.

Mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegine, halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen çuňňur pähim-paýhasa, belent ynsanperwerlige ýugrulan, uzak geljegi nazarlaýan adyl syýasatyňyz eziz Diýarymyzy öňegidişlikleriň, ösüşleriň we rowaçlygyň Watanyna öwürdi. Siziň başda durmagyňyzda asylly maksatlary nazarlaýan ägirt uly işler, ýurdumyzda höküm sürýän agzybirlik we jebislik Täze – 2023-nji ýylyň täze üstünliklere we rowaçlyklara beslenjekdigine ummasyz ynam we buýsanç duýgularyny döredýär.

**Hormatly Prezidentimiz!** Size ata Watanymyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň abadan we eşretli durmuşy, bagtyýar geljegi ugrunda alyp barýan tutumly işleriňizde üstünlik, berk jan saglyk we uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Türkmenbaşy jins toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## GYPJAKDAKY S. NYÝAZOW ADYNDAKY DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir gününi, her bir ýylyny altyn harplar bilen ýazyljak möhüm wakalara besleýän halkymyz Täze – 2023-nji ýylyň bosagasynda dur. Watandaşlarymyz Täze ýyly zähmet üstünlikleri bilen garşylamak üçin janaýaman zähmet çekýärler, birek-birege süýji arzuwlary aýdýarlar. Pursatdan peýdalanyp, Sizi we halkymyzy ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň öňdengörüjilikli syýasatyňyz netijesinde, ýurdumyzyň dünýä derejesindäki abraýy has-da belende galýar. Ykdysadyýetiň ähli pudagynda ýetilýän sepgitler Siziň taýsyz tagallalaryňyzyň miwesidir.

**Hormatly Prezidentimiz!** Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň ýagty geljegi, abadan ösüşi ugrunda tutýan beýik tutumlaryňyzda Size rowaçlygyň ýar bolmagyny arzuw edýäris! Täze – 2023-nji ýyl Size, ýurdumyza, halkymyza üstünlik we bagt getirsin! Goý, Täze – 2023-nji ýylda hem Siziň baştutanlygyňyzda zähmetsöýer halkymyza bagtyýarlyk döwrümiziň her bir gününi zähmet üstünliklerine beslemek miýesser etsin!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Gypjakdaky S. Nyýazow adyndaky dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## RUHABAT DOKMA TOPLUMY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Siziň baştutanlygyňyzda türkmen halky Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Täze – 2023-nji ýyly uly ruhubelentlik bilen garşylaýar. Sizi we Türkmenistanyň bagtyýar halkyny ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen gutlaýarys!

Bir başa bakýan halkymyz Siziň baştutanlygyňyzda beýik-beýik maksatlar bilen Täze ýyla gadam basýar. Täze menzile şöhratly atababalarymyzyň merdanalyga, ygrarlylyga, halallyga, erjellige ýugrulan häsiýetleri bilen gadam basmak Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň raýatlarynyň her birine çäksiz buýsanç duýgularyny bagyşlaýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Size berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyk, agzybir halkymyza bolsa parahat durmuş we abadançylyk arzuw edýäris! Täze ýylda täze üstünlikler hemraňyz bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Ruhabat dokma toplumynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÄZE ÝYLYŇYZ GUTLY BOLSUN!

2023


AJAÝYP BINA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy ýetip gelýän Täze ýyl baýramçylygy bilen mähirli gutlaýarys! Täze ýylymyz Size we halkymyza bagt getirsin, halkymyzy bagtly durmuşa we abadançylyga alyp barýan döwletli işleriňizde uly rowaçlyklar ýar bolsun!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň baştutanlygyňyzda halkymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Täze – 2023-nji ýyly uly ruhubelentlik bilen garşylaýar. Tamamlanyp barýan 2022-nji ýyl döwletimiz üçin bagtyýar ýyllaryň biri boldy, ähli pudaklar boýunça ýurdumyz uly ösüşler gazanyp, dünýädäki at-abraýyny has-da berkitdi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň ruhy has-da belende galýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň mundan beýläk hem gülläp ösmegi, halkymyzyň her gününiň bagtyýarlyga beslenmegi üçin edýän tagallalaryňyzyň amala aşmagyny arzuw edýäris, janyňyz sag, ömrüňiz uzak, işleriňiz rowaç bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**BANK SADERAT IRAN**

**Ashgabat branch**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENT!**

Sizi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda merdana türkmen halkynyň uly dabara bilen giňden belläp geçjek Täze ýyl baýramy mynasybetli tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezident!** Siziň baştutanlygyňyzda 2022-nji ýyl Türkmenistan üçin ýatdan çykmajak täsirli wakalara, tutumly işlere, beýik başlangyçlara beslenip, ýurdy galkyndyrmagyň we döwrebaplaşdyrmagyň ýolunda beýik işleriň durmuşa geçirilýän ýyly boldy.

Siziň baştutanlygyňyzda türkmen halky her bir baýramçylygy uly şatlyk, uly dabara bilen agzybirlikde belläp geçýär. Türkmen halky üçin mübärek gadamly Täze ýyl Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň barha gülläp ösjek we bedew bady bilen öňe gitjek ýyly bolsun!

**Hormatly Prezident!** Siziň türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny, ömrüňiziň uzak, janyňyzyň sag, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundanda belent bolmagyny arzuw edýäris!

**Hormatly Prezident!** Sizi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda uly dabara bilen bellenilýän Täze ýyl baýramçylygy bilen ýene bir gezek tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Dolandyryjy Soruş HASSANI.**

AGRi

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Täze ýyl baýramy bilen Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň baştutanlygyňyzda Türkmenistanda asylly işler amala aşyrylýar. Siziň içeri we daşary syýasatyňyz bütin dünýäde goldanylýar. Türkmenistany we halkymyzy dünýä tanaýar. Ýurdumyz ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösýän kuwwatly döwletleriň hataryna goşuldy.

**Hormatly Prezidentimiz!** Täze ýyl baýramçylygy mynasybetli Size berk jan saglyk, uzak ömür, işiňizde üstünlik, halkymyza bolsa asuda durmuş, abadançylyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**«Garagum Ulag» H. J.**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ýetip gelýän Täze ýyl baýramçylygy bilen Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň mundan beýläk hem gülläp ösmegi, halkymyzyň her gününiň bagtyýarlyga beslenmegi üçin edýän işleriňiz rowaçlyklara beslensin, janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň baştutanlygyňyzda zähmetsöýer halkymyza Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir gününi zähmet üstünliklerine beslemek miýesser etsin!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

**«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we mähriban halkymyzy ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýürekden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Täze – 2023-nji ýyl Türkmenistan üçin hoşniýetli özgerişlikleriň, täze üstünlikleriň, ýeňişleriň ýyly bolsun! Goý, Täze ýyl her bir öýi bagt we rowaçlyk nurundan, üstünliklerden hem-de geljege bolan ynamdan doldursyn!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

nowa®

ÝOKARY HILLI GAPLAMA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen tüýs ýüregimizden, mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Geçip barýan 2022-nji ýyl Siziň baştutanlygyňyzda ösüşleriň ýyly bolup, döwletimize rysgal-bereket, agzybirlik, abadanlyk, rowaçlyk getirdi. Goý, Täze ýylymyzyň hem halkymyza serpaýy şundan pes bolmasyn! Her bir maşgalada bagtyýar çagajyklaryň gülküleri belentden ýaňlanyp dursun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# TÄZE ÝYLYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## HUAWEI

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

***Sizi ýetip gelýän Täze ýyl baýramçylygy bilen gyzgyn gutlaýarys!***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe uly üstünliklere beslenen 2022-nji ýyl tamamlanyp barýar. Türkmenistany ösüşleriň täze belentliklerine alyp barjak 2023-nji ýyly bolsa ýagşy umyt-arzuwlar bilen garşylarys.

Goý, Täze ýyl Türkmenistan üçin üstünlikli, Türkmenistanyň halky we her bir maşgala ojagy üçin rysgal-döwletli, bereketli hem-de düşümli ýyl bolsun!

Sizi ýene-de bir gezek ýetip gelýän Täze – 2023-nji ýyl bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak we bagtly ömür, Türkmenistanyň halkynyň abadançylygynyň we bagtyýarlygynyň, tutuş adamzadyň durnukly ösmeginiň bähbidine alyp barýan tutumly işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

***Горячо поздравляем Вас с наступающим Новым годом!***

Завершается 2022 год, ознаменованный великими свершениями в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства. Мы с добрыми пожеланиями и надеждами встретим 2023 год, в котором Туркменистан выйдет на новые высоты развития.

Пусть Новый год будет для Туркменистана успешным, а для народа и каждого семейного очага – щедрым, изобильным и благодатным!

Еще раз сердечно поздравляем Вас с Новым, 2023 годом! Желаем Вам крепкого здоровья, долгой и счастливой жизни, новых больших успехов в Вашей благородной деятельности во имя благополучия и счастья туркменского народа, устойчивого развития всего человечества!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ýetip gelýän Täze ýyl baýramy bilen Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden we gyzgyn gutlaýarys!

Türkmenistanyň halky Täze – 2023-nji ýyly uly zähmet ýeňişleri bilen garşylaýar. Tamalanyp barýan 2022-nji ýylyň her bir güni taryhy üstünliklere beslenip, Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistany täze ösüş derejelerine çykaryp, halkara giňişligindäki ornuny has-da berkitdi.

**Hormatly Prezidentimiz!** Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzy eşretli durmuşda ýaşatmak üçin alyp barýan täze başlangyçlaryňyz rowaç alsyn!

Siziň baştutanlygyňyzda alnyp barylýan we üstünlikli durmuşa geçirilýän giň gerimli tutumlaryňyzyň netijesinde, bu günki gün Türkmenistany bütin dünýä tanaýar, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesi has-da ýokarlanýar. Halkymyzyň bagtly ýaşaýşynyň, röwşen geljeginiň, eşretli durmuşynyň hatyrasyna alyp barýan işleriňiziň amala aşmagyny arzuw edýäris! Janyňyz sag, ömrüňiz uzak, il-ýurt bähbitli alyp barýan tutumly işleriňiz rowaç bolsun!

Täze ýylyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan baş direktory Ý. GURATOW.**

## speedcast

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW!**

Kompaniýamyz Sizi hem-de agzybir türkmen halkyny Täze ýyl baýramy mynasybetli gutlaýar.

2023-nji ýylda Size üstünlik, ähli türkmen halkyna bolsa abadançylyk we bagt arzuw edýäris!

**Joe SPYTEK,**
**«Speedcast» kompaniýasynyň baş ýerine ýetiriji müdiri.**

**TO THE HONORABLE PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOV!**

Our company congratuletes Your Excellency and all of the Turkmen people with Happy New Year.

We wish You success and all of the Turkmen people prosperity and happiness in 2023.

**Joe SPYTEK,**
**CEO «Speedcast».**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we halkymyzy ýetip gelýän Täze – 2023-nji ýyl bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýüregimizden gyzgyn we mähirli gutlaýarys!

Goý, Täze ýyl Türkmenistan üçin beýik üstünlikleriň we ýeňişleriň ýyly bolsun!

Täze ýyl her bir ojaga bagt we rowaçlyk getirsin, goý, her bir öý üstünliklere hem-de geljege bolan ynama beslensin!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## CNPC

**ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!**

Сердечно поздравляем Вас с замечательным праздником – Новым годом!

Желаем, чтобы 2023 год для Вас, был ознаменован ещё более масштабными успехами!

В течение года осуществлены коренные преобразования в области индустриализации страны, освоения природных ресурсов, развития транспортных магистралей международной значимости.

Этот год вошёл в новейшую историю независимого нейтрального Туркменистана годом, изобилующим знаковыми событиями национального и международного значения. В этом году Туркменистан отметил 27-летие своего постоянного нейтралитета.

2022 год также стал годом значительного роста авторитета Туркменистана на мировой политической арене. Проводимая Вами на принципах миролюбия, добрососедства, равноправия и взаимоуважения внешняя политика способствовала упрочению мира, безопасности и устойчивого развития на региональном и глобальном уровне.

В уходящем году дружественные отношения между Китаем и Туркменистаном последовательно развивались в духе стратегического партнёрства. Воплощаются в жизнь крупные совместные проекты, расширяется взаимодействие в торгово-экономической, инвестиционной, энергетической и гуманитарной областях.

Ещё раз от всего сердца поздравляем Вас с новогодним праздником!

И пусть 2023 год, благодаря Вашей дальновидной государственной политике, великой деятельности, признанной и поддержанной мировым сообществом, Вашим созидательным инициативам, станет годом благополучия и счастья, удач и больших успехов!

Желаем Вам, уважаемый Президент, доброго здоровья, долголетия, исполнения всех прекрасных желаний!

**С глубоким уважением,**

**Чэнь ХУАЙЛУН,**
**Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC) в Туркменистане.**